ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
27-nji mart, 2026. Belgisi 13/1683



# ÝURDUMYZDA GOWAÇA EKIŞINE GIRIŞILDI

**25-nji martda tutuş ýurdumyz boýunça möhüm oba hojalyk möwsümine – gowaça ekişine badalga berildi. Döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygyna laýyklykda, Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap, Mary welaýatlarynyň ekerançylary ekişe köpçülikleýin girişdiler.**

Hormatly Prezidentimiz 20-nji martda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda 25-nji martda gowaça ekişine başlamaga ak pata berdi we hormatly ýaşululardan ekişe «Bismilla» bilen başlap bermeklerini haýyş edip, edermen pagtaçy babadaýhanlara, ähli oba hojalyk işgärlerine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi. Halkymyzyň asylly däbine görä, il sylagly ýaşulular Beýik Biribardan halkymyzyň abadançylygyny, Watanymyzyň gülläp ösmegini, hormatly Prezidentimiziň döwletli tutumlarynyň rowaç bolmagyny dileg edip, ekin meýdanlaryna ilkinji gowaça tohumlaryny atdylar. Soňra ýaşulular bu işi mehanizatorlara geçirdiler.

Ýurdumyzyň oba hojalygynyň ileri tutulýan ugry bolan pagtaçylyk pudagynda innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmaga, önüm öndürijileri ykdysady taýdan höweslendirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Döwlet tarapyndan amala aşyrylýan düýpli özgertmeler esasynda ekerançylar dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň ýokary öndürijilikli tehnikalary, ýokary hilli tohumlar, zerur mineral dökünler bilen bökdençsiz üpjün edilýär. Bu bolsa agrotehniki kadalaryň berk berjaý edilmegine, bereketli hasylyň ygtybarly binýadynyň tutulmagyna şert döredýär.

Ekerançylyk medeniýetini ýokarlandyrmak maksady bilen, her sebitiň toprak-howa aýratynlyklaryna laýyklykda ýerleriň meliоratiw ýagdaýyny gowulandyrmak babatda zerur çäreler görülýär. Şunuň bilen birlikde, seçgiçilik ylmynyň soňky gazananlary esasynda gowaçanyň tiz ýetişýän, zyýankeşlere çydamly, süýüminiň hili ýokary bolan täze sortlary ekin dolanyşygyna girizilýär. Pagta arassalaýjy kärhanalarda tohumlyk serişdeleriň halkara standartlara laýyklykda taýýarlanylmagy pudagyň önümçilik kuwwatynyň durnukly artmagyny üpjün edýär. Gowaçanyň täze sortlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagy öndürilýän önümiň möçberini artdyrmakda we hilini ýokarlandyrmakda esasy şert bolup durýar. Ýokary hilli, bol hasylly gowaça sortlaryny döretmek hem-de önümçilige ornaşdyrmak pudagy ösdürmekde öňde goýlan möhüm talapdyr. Bu ugurda Ylmy-barlag pagtaçylyk institutynda degişli işler alnyp barylýar.

Ösdürilip ýetişdirilýän pagta hasyly Türkmenistanyň dokma senagaty üçin gymmatly çig mal binýadyny üpjün edýär. Ýurdumyzda öndürilýän ýokary hilli pagta süýümi dünýä bazarlarynda uly islegden peýdalanýar. Häzirki wagtda döwrebap dokma toplumlarynda öndürilýän taýýar önümler ekologik taýdan arassalygy, ýokary hili bilen tapawutlanýar. Munuň özi pagtaçylyk pudagynyň diňe bir oba hojalygynyň däl, eýsem, tutuş ykdysadyýetimiziň kuwwatlanmagynda-da wajyp ähmiýete eýedigini aýdyň görkezýär. Şu ýyl hem ýurdumyz boýunça müňlerçe gektar meýdana gowaça ekiler we ondan alynjak hasyl dokma kärhanalarynyň doly kuwwatynda işlemegine, eksport mümkinçilikleriniň has-da artmagyna ýardam eder.

Ekerançylykda suw serişdelerini netijeli ulanmak meselesi üns merkezinde saklanýar. Ekiş geçirilýän meýdanlarda suw tygşytlaýjy döwrebap tehnologiýalar, şol sanda damjalaýyn suwaryş ulgamlary giňden ornaşdyrylýar. Bu çemeleşme her sebitiň özboluşly howa şertlerinde ýokary hasyl almaga, topragyň hasyllylygyny saklamaga, suwy tygşytly sarp etmäge mümkinçilik berýär.

Ekiş möwsüminiň başlanmagy mynasybetli welaýatlarda aýdym-sazly dabaralar guraldy. Olaryň çäklerinde oba hojalyk tehnikalarynyň, gaýtadan işleýän kärhanalarda öndürilýän önümleriň sergileri ýaýbaňlandyryldy. Welaýatlaryň aýdym-saz, folklor-tans toparlarynyň çykyşlary pagtaçy kärendeçiler üçin ajaýyp döredijilik sowgady boldy. Bereketli türkmen topragynda düýbi tutulan täze hasyl halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň üpjün edilmegine mynasyp goşant goşar.







# Açyk halkara matematika olimpiadasy geçirilýär

23-28-nji mart aralygynda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde Açyk halkara matematika olimpiadasy (OMOUS) geçirilýär. 6-njy gezek geçirilýän bu bäsleşige gatnaşmak üçin Germaniýa Federatiw Respublikasyndan, Gresiýadan, Wengriýadan, Eýran Yslam Respublikasyndan, Niderlandlar Patyşalygyndan, Russiýa Federasiýasyndan, Täjigistandan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Özbegistandan ýaşlar geldi. Olimpiada daşary ýurtly talyplar bilen bir hatarda türkmen talyplary hem gatnaşyp, öz zehinlerini görkezýärler.



24-nji martda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mejlisler zalynda zehinleri ýüze çykaryp, ýaşlaryň arasynda dostlukly gatnaşyklary ýola goýjak bu bäsleşige dabaraly ýagdaýda badalga berildi.

Bäsleşik ýekebara we toparlaýyn görnüşde geçirilip, ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlaryndan düzülen eminler topary tarapyndan seljerilýär. Bu ýerde talyplar A we B derejelerde geçiriljek bäsleşiklerde öz zehinini synaýarlar. Ýeňijileri sylaglamak dabarasy olimpiadanyň jemleýji gününde guralar.

Bäsleşige gatnaşmaga gelen ýaşlar guramaçylyk edýän Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymlarydyr talyplary tarapyndan mähirli garşylandy. Talyplaryň we mugallymlaryň oňaýly dynç almaklary üçin ähli amatlyklar döredildi. Myhmanlaryň türkmen halkynyň medeni mirasy bilen tanyşmagy, paýtagtymyzyň gözel ýerlerini synlamagy üçin tanyşdyryş gezelençlerini guramak meýilleşdirildi. Daşary ýurtly myhmanlara ýolbelet bolmak we ýakyndan kömek etmek üçin uniwersitetiň talyp ýaşlaryndan düzülen meýletinçiler taýýarlandy. Ýurdumyzda halkara olimpiadalaryň geçirilmegi talyp ýaşlaryň alan bilimlerini özleşdirmegine ýardam edýär.

# Demokratiýanyň aýdyň ýoly bilen

29-njy martda ýurdumyzyň Ahal welaýatynyň Altyn asyr etrabynyň, Daşoguz welaýatynyň Garaşsyzlyk, Gubadag etraplarynyň, Lebap welaýatynyň Döwletli, Farap, Garabekewül etraplarynyň, Mary welaýatynyň Oguzhan etrabynyň halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlaryny, Lebap welaýatynyň 74-nji «Amyderýa», 79-njy «Darganata», Mary welaýatynyň 104-nji «Peşanaly» we 106-njy «Wekil» saýlaw okruglary boýunça ygtyýarlyk möhletinden öň çykyp giden Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, ygtyýarlyk möhletinden öň çykyp giden welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň hem-de Geňeşleriň çykyp giden agzalarynyň saýlawlaryny geçirmek üçin görülýän çäreler gyzgalaňly dowam edýär.



Saýlawlar Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň 2026-njy ýylyň 7-nji ýanwaryndaky karary esasynda geçiriler.

Bu günki gün ýurdumyzda halkymyzyň öz häkimiýetini wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrmagyny üpjün etmek boýunça netijeli işler amala aşyrylýar. Şunda raýatlaryň wajyp durmuş-ykdysady hukuklarynyň durmuşa geçirilmegini, aýratyn-da, saglyk, bilim, ulgamlarynyň maddy-tehniki binýadynyň pugtalandyrylmagyny, wekilçilikli edaralaryň işiniň işjeňleşdirilmegini, kanunyň hökmürowanlygyny, ýagny kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hemmeler tarapyndan takyk, berk we gyşarnyksyz ýerine ýetirilmegi ýörelgesiniň ykrar edilmegini raýat jemgyýetiniň kämilleşmeginiň esasy şertleriniň hatarynda görkezmek bolar.

2

# Türkmenistan – Ýewropa Bileleşigi: durnukly ösüş üçin hyzmatdaşlyk

Düýn paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda Türkmenistan – Ýewropa Bileleşigi işewürlik maslahaty geçirildi. «Özara baglanyşygy ösdürmek, maýa goýumlary çekmek we durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça täze gözýetimler» atly maslahata maliýe, energetika we beýleki ugurlarda iş alyp barýan halkara guramalaryň ýolbaşçylarydyr wekilleri, ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, ýurdumyzda akkreditirlenen halkara guramalaryň we daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, telekeçiler, bilermenler hem-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdy. Myhmanhananyň eýwanynda ýurdumyzyň telekeçileriniň öndüren dünýä ölçeglerine laýyk gelýän harytlarynyň sergisi ýaýbaňlandyryldy.



Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasynda söwda we maýa goýumlary ösdürmek, işewürlik gurşawyny kämilleşdirmek, özara baglanyşygy berkitmek, işewürlik aragatnaşygyny ýola goýmak, «ýaşyl» ykdysadyýete geçiş, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri we metan zyňyndylaryny azaltmak ugrunda hyzmatdaşlyk etmek forumyň mejlislerinde ara alnyp maslahatlaşylan esasy meseleler boldy.

2

# Haýyr-sahawat gaznasy – bagtly çagalygyň geljegi

Ýurdumyzda çagalaryň saglygyny goramak we olaryň bagtyýar ösüşini üpjün etmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu ugurda bitirilýän işleriň merkezinde bolsa Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy durýar. 2021-nji ýylyň 29-njy martynda döredilen gazna gysga wagtyň içinde ýurdumyzyň iň täsirli ynsanperwer guramalarynyň birine öwrüldi.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy üstümizdäki ýylda döredilmeginiň şanly 5 ýyllygyny belleýär. Gazna diňe bir maliýe goldawyny bermek bilen çäklenmän, eýsem çagalar baradaky aladany umumymilli derejä çykarmagy maksat edinýär.

2

**2026-njy ýylyň awiasiýa reýtingi**
2026-njy ýylyň «Skytrax World Airport Awards» we «AirlineRatings.com's World's Best Airline Awards» baýraklarynyň ýeňijileri yglan edildi. 4

**Sahna oýunlarynyň taryhy we meşhur teatrlar**
Adamzat durmuşynda entek elektron enjamlaryň pikiri hem edilmeýän döwründe köpçüligi güýmemek maksady bilen ilkinji sahna oýunlary peýda bolýar. 5

**21-nji Dünýä çempionaty geçirildi**
Polşanyň Torun şäherinde ýeňil atletika boýunça üsti ýapyk desgada Dünýä çempionaty geçirildi. 21-nji gezek geçirilen çempionata 118 ýurtdan 674 türgen gatnaşdy. 7

**UEFA-nyň ýaryşlarynda çärýek final duşuşyklary**
Iki möwsümden bäri liga görnüşli geçirilýän UEFA-nyň klub ýaryşlarynyň 3-sine – Çempionlar, Ýewropa, Konferensiýa Ligalaryna jemi 108 topar (hersine 36 klub) gatnaşýar. 8









# DEMOKRATIÝANYŇ AÝDYŇ ÝOLY BILEN




Başlangyjy 1-nji sahypada.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan oňyn işleriniň netijesinde halka hyzmat etmek we bähbitlerini goramak bilen bir hatarda, döwletimizde jemgyýetiň ösüşini üpjün edýän, halk häkimiýetini amala aşyrýan wekilçilikli edaralaryň eýeleýän ornuny ýokarlandyrmak babatda ägirt uly öňegidişlikler gazanyldy.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy halkara hukuk kadalaryna laýyklykda göz öňünde tutulan ähli hukuklardyr azatlyklary kepillendirýär. Onuň esasynda taýýarlanan we kabul edilen kanunlardyr beýleki hukuk namalary ýurdumyzy syýasy, ykdysady, durmuş taýdan ösdürmek boýunça wezipeleriň üstünlikli amal edilmegine ýardam berýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli kanunçylyga, halkara hukugyň kadalaryna doly laýyk gelýän demokratik saýlawlary guramak we geçirmek boýunça ýurdumyzda oňat tejribe toplandy.

Aslynda, saýlawlar her bir demokratik jemgyýetiň möhüm binýady bolmak bilen, raýatlara öz pikirini açyk beýan etmäge, halkyň wekillerini saýlamaga, döwlet dolandyryş işine gatnaşmaga mümkinçilik berýär. Şonuň netijesinde jemgyýet ösüş ýoluna düşýär, çünki saýlawlar arkaly halkyň islegleri we garaýyşlary döwlet syýasatynda öz beýanyny tapýar. Demokratiýanyň özeni hökmünde saýlawlar jemgyýetiň syýasy, ykdysady, jemgyýetçilik, medeni taýdan ösüşiniň hem aýrylmaz bölegidir.

Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan ýurdumyzda saýlawlara taýýarlyk görmek we geçirmek bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýän Saýlaw kodeksiniň yzygiderli kämilleşdirilmegi bu möhüm syýasy çäräniň demokratik ýörelgeler esasynda, ýokary derejede, guramaçylykly geçirilmegine giň mümkinçilikleri döredýär. Häzirki günlerde Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi topar, welaýatlaryň häkimlikleri, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik guramalary tarapyndan milli kanunçylyga we halkara hukugyň kadalaryna doly laýyk gelýän demokratik saýlawlary guramak hem-de ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek boýunça degişli işler ýola goýuldy.

Mahlasy, döwlet häkimiýetiniň wekilçilikli edaralarynyň öz işinde demokratiýa, aýanlyk, adalatlylyk, adamyň we raýatyň kanunyň öňünde deňligi, adamyň hukuklaryna, azatlyklaryna hormat goýmak, çözgütleri erkin ara alyp maslahatlaşmak we kabul etmek, jemgyýetçilik pikirini nazara almak ýörelgelerine esaslanýandygy halkyň arasynda uly goldaw tapyp, Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza buýsanjymyzy artdyrýar.

**Jennet HALMYRADOWA,**
*Mary welaýatynyň Mary şäherindäki 25-nji orta mekdebiň müdiri, Mary welaýat saýlaw toparynyň başlygy.*

# HAÝYR-SAHAWAT GAZNASY – BAGTLY ÇAGALYGYŇ GELJEGI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Häzirki wagtda bu gazna Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň ýolbaşçylygynda halkara hyzmatdaşlygyny hem işjeň ösdürýär.

Şeýle hem geçen ýyl «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň şahamçasynyň dabaraly açylyşy boldy. Bu waka ýurdumyz boýunça haýyr-sahawat işiniň gerimini giňeltmekde möhüm ädim boldy.

Öz alyp barýan işiniň çäklerinde Gazna çagalary derman serişdeleri, lukmançylyk enjamlary, şol sanda häzirki zaman gemodializ apparatlary bilen üpjün edýär. Hereket edýän ýyllarynyň dowamynda Gazna Türkmenistan boýunça ýüzlerçe çagalara lukmançylyk kömegini berip, 700-den gowrak operasiýalary we sagaldyş-dikeldiş boýunça maksatnamalary maliýeleşdirdi. Türkmenistanyň lukmançylyk edaralarynyň çagalar bölümleri guramadan häzirki zaman enjamlaryny alýarlar.




Haýyr-sahawat gaznasynyň ýanynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezi hereket edýär. Merkez çagalaryň saglygyny dikeltmek boýunça toplumlaýyn hyzmatlary hödürleýär. Merkezde hossarlyga we howandarlyga mätäç, akyl hem-de beden taýdan ösüşe itergi zerurlygy bolan çagalarda irki ösüş amallaryny geçirmek, bilim-terbiýe bermek, çagalaryň şahsy başarnyklaryny ösdürmek boýunça işler göwnejaý ýola goýlandyr. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy halkara hyzmatdaşlygyny işjeň ösdürmek bilen ynsanperwerlik işlerine gatnaşýar. Has takygy, Gazna Täjigistanyň, Türkiýe Respublikasynyň, Ukrainanyň, Russiýanyň, Owganystanyň, Palestinanyň, golaýda bolsa Eýranyň çagalaryna sowgatlary, dermanlary, çaga eşiklerini we azyk önümlerini ýollady.

Gazna dürli halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy işjeň pugtalandyrýar. Olaryň hatarynda Sun Szinlin adyndaky gaznasy (Hytaý), Geýdar Aliýew gaznasy (Azerbaýjan), Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) bar.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy Gahryman Arkadagymyzyň ynsanperwer başlangyçlary esasynda 5 ýyl mundan ozal döredilip, Türkmenistanda hemaýata mätäç çagalaryň bagtyýar geljeginiň üpjün edilmegine örän jogapkärli hem-de toplumlaýyn çemeleşilýändigini aýdyň ýüze çykardy. Döwletimiz bu çagalary üns merkezinde saklap, olaryň özüni türkmen jemgyýetiniň doly derejeli agzasy hökmünde duýmaklary üçin ähli mümkinçilikleri döredýär.

Nurana geljegi röwşen umytlar bilen baglanyşdyrýan çagalar – ösüp gelýän nesil baradaky alada Türkmenistanyň halkara kadalara hem-de halkymyzyň belent ynsanperwerlik ýörelgelerine laýyklykda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolmagynda galýar.

Çagalary hemmetaraplaýyn alada we mähir bilen gurşap almak milletimize mahsus asylly ýörelgedir. Munuň özi häzirki zaman türkmen jemgyýetinde has aýdyň ýüze çykýar hem-de halkymyzyň durmuş we ruhy sagdynlygyny kesgitleýär.

**Jepbarmyrat HANOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Sagdyn ýörelge – sagdyn durmuş

Saglyk ulgamy her bir döwletiň ösüş derejesini kesgitleýän esasy ugurlaryň biridir. Ilatyň saglygyny goramak, keselleriň öňüni almak we ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlaryny ýola goýmak döwletiň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Saglyk ulgamynyň ösdürilmegi jemgyýetiň abadançylygyny üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýedir.



Soňky ýyllarda saglyk ulgamynda uly özgertmeler amala aşyrylýar. Täze hassahanalar we saglyk merkezleri gurlup, häzirki zaman lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilýär. Bu bolsa ilata berilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem, sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy lukmançylyk hyzmatlaryny has tiz we takyk amala aşyrmaga ýardam edýär.

Lukmanlaryň we beýleki saglyk işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak hem möhüm meseleleriň biridir. Bu ugurda yzygiderli okuw sapaklary, tejribe alyşmalar we halkara hyzmatdaşlygynda pikir alyşmalar giňden ösdürilýär. Netijede, ýokary taýýarlykly hünärmenler ilata hyzmat edýär.

Saglyk ulgamynyň esasy maksady diňe keselleri bejermek däl-de, eýsem, olaryň öňüni almakdyr. Şonuň üçin sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek, sport bilen meşgullanmagy goldamak, dogry iýmitlenmek barada sapaklary geçmek aýratyn ähmiýete eýedir.

Her bir raýatyň öz saglygyna jogapkärçilikli çemeleşmegi zerurdyr. Wagtynda lukmana ýüz tutmak, öňüni alyş barlaglaryndan geçmek we sagdyn durmuş ýörelgelerini berjaý etmek jemgyýetiň umumy saglygyny ýokarlandyrýar.

Sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek adam saglygynyň berk we ömrüniň uzak bolmagyna uly täsir edýär. Zyýanly serişdelerden daşda durmak, sport bilen meşgullanmak, dogry iýmitlenmek hem-de arassaçylyk kadalaryny berjaý etmek hem sagdyn durmuşyň esasy düzgünleridir. Saglyk adam üçin iň uly gymmatlykdyr. Ony gorap saklamak bolsa biziň her birimiziň hem-de döwletimiziň mukaddes borjudyr.

**Ogulnyýaz ÝAZGURBANOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň çaga ýokanç keselleri kafedrasynyň assistenti, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

## Nar şiresiniň peýdasy

Bereketli türkmen topragynda bitýän miwedir ir-iýmişler saglyga örän peýdalydygy bilen tapawutlanýar. Şeýle miweleriň biri hem nar hasaplanýar. Nar dänesinden sykylan şiräniň saglyk üçin birnäçe peýdasynyň bardygy lukmançylyk ylmynda ykrar edilendir. Naryň şiresi, ilkinji nobatda, ýürek-damar ulgamynyň kadaly işlemegi üçin möhümdir. Şiräniň düzümindäki B12 witaminler toplumy gan basyşyny kadalaşdyrýar, damarlaryň diwarlaryny berkidýär, şeýle hem eritrositleriň we gemoglobiniň sintezine işjeň gatnaşyp, beýnä oňyn täsir edýär. Ganda gemoglobin ýetmezçiligi, adatça, beýnä kislorodyň ýeterlik derejede barmagyna oňaýsyz täsir edýär. Şeýle ýagdaýda yzygiderli ýadawlyk, ýatkeşligiň gowşamagy we ünsüň peselmegi ýaly alamatlar ýüze çykýar.



Nar güýz paslynda ýetişýän nygmatlaryň biridir. Orta boýly, tikenli agaç, esasan, Magtymguly we Etrek etraplarynda has köp ösdürilip ýetişdirilýär. Bu miwe bedeniň öýjüklerini zyýanly maddalardan goraýan we immunitet ulgamy üçin möhüm bolan C witamine we turşulyga baýdyr. Mundan başga-da, nar bedeni bakteriýalardan goraýan antibakterial we antiseptik häsiýetlere eýedir. Miwäniň şiresi bedeniň pH deňagramlylygyny kadalaşdyrýan, bedenden toksinleri aýyrýan, iýmit siňdirişi gowulandyrýan we iýmit alyş-çalşygyny çaltlaşdyrýan oksalat kislotalarynyň çeşmesidir. Lukmanlar aşgazan-içege ulgamynda näsazlygy bolan adamlara turşulygy sebäpli, naryň şiresini suw bilen garyp içmegi maslahat berýärler. Nar adamy juwan görkezmek bilen bir hatarda, iýmiti çalt siňdirmäge we ganyň goýalmagynyň öňüni almaga ýardam edýär.

Eziz Diýarymyzda ösýän miweli agaçlaryň biri bolan naryň ynsan saglygyna peýdaly häsiýetleri sanardan köp. Geçmişde naryň gabygyndan halyçylykda giňden peýdalanylan tebigy boýagyň alynmagy bu miwäniň halkymyzyň durmuşynda aýratyn orny eýeleýändigine güwä geçýär.

**Merdan ATAÝEW,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň maglumatlar we okatmagyň tehniki serişdeler bölüminiň başlygy.*

## Gerd Faltings Abel baýragyny aldy

Dünýäniň iň abraýly ylmy sylaglarynyň biri bolan Abel baýragynyň 2026-njy ýyldaky eýesi nemes matematigi Gerd Faltings boldy. Alyma bu baýrak 1983-nji ýylda Mordell çaklamasyny subut edendigi we arifmetik geometriýa goşan ägirt uly goşandy üçin berildi. Bu barada «New Scientist» habar berýär.



Luis Mordell tarapyndan 1922-nji ýylda öňe sürlen bu çaklama diofant deňlemeleriniň çözgütleriniň sanynyň degişli geometrik obýektleriň gurluşyna baglydygyny tassyklaýar. Faltingsiň 18 sahypalyk ylmy işi arifmetika bilen geometriýanyň arasynda täze köprüleri gurdy. Bu subutnama öz gezeginde meşhur «Fermanyň Beýik teoremasynyň» subut edilmegine hem ýol açdy.

Gerd Faltings bu açyşy üçin 1986-njy ýylda eýýäm Filds medalyna mynasyp bolupdy. Onuň işläp düzen usullary häzirki zaman matematikasynyň iň çylşyrymly ugurlarynyň biri bolan p-adik teoriýasynyň düýbüni tutdy. Şeýle-de bolsa, alym öz üstünligine örän sabyrly we pespäl çemeleşýär:

– Men Mordell çaklamasyny çözdüm, ýöne bu düwnük ýa-da alsgeýmer keselini bejermäge kömek etmeýär, diňe biziň dünýä baradaky bilimlerimizi giňeldýär – diýip belleýär.

Faltings diňe bir nazaryýetçi däl, eýsem, ökde mugallymdyr. Ol «abc çaklamasy» bilen meşhur bolan ýapon matematigi Sinýiti Motidzukiniň hem halypasydyr. Özüniň esasy ýörelgesi barada alym şeýle diýýär:

– Meniň çemeleşmäm elmydama şeýledi: men özümi meşhur we baý edip biljek zatlara seretmeli däl-de, halaýan zadymy tapmaga çalyşmalydyryn.

## Gahryman Arkadagymyzyň kitaplarynyň terbiýeçilik ähmiýeti

Ýaş nesilleriň milli terbiýesini gazanmakda halk döredijiliginden, çeper eserlerden we Gahryman Arkadagymyzyň eserlerinden ugur alýarys. «Adamzadyň geljegi kitaby köp okaýanlaryň elinde bolar. Ylymly-bilimli ýaşlar bolup, ata Watanymyza wepaly gulluk etmek beýik mertebedir. Biziň geljegimiz ýaşlarymyz bilendir» diýýän Gahryman Arkadagymyzyň kitaplary häzirki zaman türkmen pedagogikasynyň aýrylmaz bölegidir.




«Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar», «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy», «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym» ýaly kitaplar her bir türkmen ogul-gyzynda halkymyzyň naýbaşy häsiýetlerini terbiýelemekde bahasyna ýetip bolmajak eserlerdir.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz halkymyza birnäçe ajaýyp eserleri peşgeş berdi. Milli Liderimiziň jöwher paýhasyndan dörän «Döwlet guşy», «Çaý – melhem hem ylham», «Döwletlilik ýörelgesi», «Janly rowaýat» ýaly ençeme kitaplary hemmetaraplaýyn kämil şahsyýeti kemala getirmekde ajaýyp terbiýe mekdebi bolup durýar.

Gahryman Arkadagymyzyň kitaplarynda türkmen halkynyň baý taryhy, milli däp-dessurlary, edep-ekramy giňişleýin beýan edilýär. Bu bolsa ýaşlaryň taryhy, milli gymmatlyklary has çuňňur öwrenmegine mümkinçilik döredýär, Watana bolan söýgini ösdürmekde möhüm orun eýeleýär.

Gahryman Arkadagymyzyň eserlerinde öňe sürülýän pikirler ýaşlary halal zähmete, döredijilige we ýokary maksatlara ymtylmaga ruhlandyrýar. Adamkärçilik, päklik, dogruçyllyk ýaly häsiýetler giňden wagyz edilýär. Şeýle häsiýetleriň ýaşlaryň kämil şahsyýet hökmünde kemala gelmeginde aýratyn orny bardyr.

Gahryman Arkadagymyzyň eserleri ýaşlaryň sagdyn durmuş ýörelgelerini saýlap almagyna hem ýardam berýär. Sport, saglyk we ruhy taýdan ösüş baradaky pikirler ýaşlary beden hem-de ruhy taýdan berk bolmaga çagyrýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň çuňňur paýhasyndan, baý durmuş tejribesinden hem-de Watana bolan beýik söýgüsinden dörän edebi, ylmy-ensiklopedik we filosofik kitaplary älemi ýagtyldýan ýyldyzlar mysaly, ýaş nesilleriň ýoluna şugla saçýar. Röwşen ýollardan barýan ýaşlar bolsa Watanyň ýagty geljegini gurujylardyr. Ajaýyp zamanamyzda ak ýürekden zähmet çekip, bagtyýar çagalarymyzy döwrümize mynasyp şahsyýetler edip ýetişdirmek ugrunda döredilýän giň mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza egsilmez alkyş aýdýarys.

**Ogulnäzik MUHAMMEDOWA,**
*Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabyndaky 24-nji orta mekdebiň başlangyç synp mugallymy.*

## Türkmenistan – Ýewropa Bileleşigi: durnukly ösüş üçin hyzmatdaşlyk

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Mejlislerde Ýewropa Bileleşigi bilen Türkmenistanyň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy berkitmegiň, maýa goýumlaryny çekmegiň hem-de söwda gatnaşyklaryny ösdürmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Işewürlik gurşawyny kämilleşdirmek meselelerine aýratyn üns berlip, Türkmenistanyň işewürlik we maýa goýumlar boýunça kadalaşdyryjy-hukuk binýady, ýurduň halkara ykdysady integrasiýasyndaky ösüşi hem-de hususy pudak bilen hyzmatdaşlygy giňeltmegiň ugurlaryny, şol sanda kiçi we orta kärhanalary hem-de telekeçiligi ösdürmegiň mümkinçiliklerine garaldy.

Mejlisiň dowamynda Türkmenistanyň Bütindünýä söwda guramasyna (BSG) agza bolmagy we institusional döwrebaplaşdyrma boýunça degişli çäreleri, şol sanda türkmen kiçi we orta kärhanalarynyň Ýewropa Bileleşiginiň bazarlaryna çykmagy üçin mümkinçilikler baradaky meseleler beýan edildi. Ýewropa Bileleşiginiň «Global Gateway» başlangyjynyň ÝB bilen Türkmenistanyň arasynda söwda hem-de maýa goýum gatnaşyklaryny ösdürmekdäki orny aýratyn bellenildi. Türkmen we ýewropa kompaniýalarynyň wekilleri iki bazarda iş alyp barmak boýunça amaly tejribelerini paýlaşdylar.

Ilkinji gezek geçirilen forumda ulag ulgamyna hem aýratyn üns berildi. Türkmenistanyň Hazarüsti ulag geçelgesiniň ugrunda özara baglanyşygy ösdürmekde möhüm hyzmatdaş hökmünde tutýan orny, şeýle hem onuň Ýewropa bilen Aziýanyň arasynda ulag, söwda we ykdysady gatnaşyklary berkitmäge goşýan goşandy ara alnyp maslahatlaşyldy. Foruma gatnaşyjylar «Global Gateway» başlangyjynyň infrastruktura we ulgamlaýyn baglanyşyk meseleleriniň ösdürilmegine nähili goşant goşup biljekdigini, şol sanda institusional binýady berkitmek, gümrük we söwda amallaryny sanlylaşdyrmak hem-de elektron söwda platformalaryny ösdürmek arkaly serhetüsti amallaryň has netijeli we öňünden çaklamak mümkinçiligini üpjün etmek boýunça meseleleri ara alyp maslahatlaşdyldy.




Forumda «Ýaşyl» energetika hem ara alnyp maslahatlaşylan mesele boldy.

Maslahata oba hojalygy, azyk, ulag-logistika, energiýa we beýleki ugurlarda iş alyp barýan türkmen telekeçileri gatnaşdy. Telekeçiler üçin özara hem-de döwlet edaralary bilen hususy pudagyň arasynda duşuşyklary geçirmäge mümkinçilik beren forum ýurdumyzda ýerli önümçiligiň mundan beýläk-de ösdürilmegine, eksport mümkinçilikleriniň artdyrylmagyna ýardam eder.

## Dünýäniň iň arassa howaly ýerleri

Şweýsariýanyň «IQAir» howa maglumaty agentligi dünýäniň 143 ýurdunda 446 şähere degişli howa ýagdaýyny seljerip, täze maglumat taýýarlady. Maglumata görä, geçen ýyl Ýewropada Andorra, Estoniýa we Islandiýa iň arassa howaly ýurtlar bolupdyr. Sanawa Awstraliýa, Barbados, Bermud, Fransuz Polineziýasy, Grenada, Täze Kaledoniýa, Panama, Puerto-Riko, Reýunon we ABŞ-nyň Wirgin adalary girdi.



Şäherler babatda alnanda bolsa, Ýewropada Finlýandiýa öňe saýlandy. Sebitdäki iň arassa 10 şäheriň 5-si skandinaw ýurduna degişli. Utýö adasy birinji, Muonio ikinji, Kittilýa üçünji ýeri eýeledi. Ranua bäşinji, Niwala onunjy boldy. Tokaý zolaklary we ilatyň seýrek ýaşamagy howanyň arassa bolmagyna getirýär. Ýurtda howanyň hapalanmagynyň öňüni almak üçin berk düzgünleriň berjaý edilmegi, arassa energiýadan has köp peýdalanylmagy (54%) hem howanyň arassa saklanmagyna goşant goşýar.

Islandiýanyň Sandgerdi şäheri 4-nji ýeri eýeläpdir. Bredkalen (Şwesiýa) altynjy, Faru (Portugaliýa) sekizinji we Aulftanes (Islandiýa) dokuzynjy bolupdyr.

**Gurbangül HUDAÝBERGENOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Täze planetanyň emele gelşi anyklandy

Astronomlar kosmos giňişliginde bir ýyldyzyň töwereginde iki sany äpet gaz planetasynyň emele gelşini anykladylar. Bu hadysa täze planetanyň emele gelýändigini görkezýär. «WISPIT 2» atly planetany öwrenýän alymlar gazdan we tozandan emele gelen aýlanýan bulutdyň içinde bir wagtda iki äpet planetanyň döreýşine syn etdiler. Bu açyş Gün ulgamy bilen bir hatarda planeta ulgamlarynyň nähili emele gelýändigi baradaky iň anyk we gönüden-göni syn ediş hasaplanýar.



Galweý uniwersitetiniň hem-de Leýden obserwatoriýasynyň astronomlary täze planetany synlamak üçin Ýewropa Günorta obserwatoriýasynyň enjamlaryny ulanypdyrlar.

Bu baradaky ylmy makalanyň awtory, Irlandiýanyň Galweý uniwersitetiniň ylmy işgäri Hloýe Lowlor täze açyşyň häzire çenli planetalaryň emele gelşini öwrenmäge degişli iň gowy tejribedigini aýtdy.

Ylmy barlag baradaky makala «The Astrophysical Journal Letters» žurnalynda çap edildi.

## Robot tehnologiýasyny ösdürýär

Bölek söwda bilen meşgullanýan «Amazon» kompaniýasy hemmeler üçin «ygtybarly we gyzykly» boljak robot tehnologiýasyny işläp taýýarlaýan «Fauna Robotics» startapyny satyn aldy. 2024-nji ýylda esaslandyrylan «Fauna Robotics» golaýda «Sprout» atly kiçijik adamsypat robotyny köpçülige tanyşdyrypdy. Boýy 1 metre barabar bolan bu robot çylşyrymly işi ýerine ýetirip bilmeýän hem bolsa, tans etmek ýaly käbir hereketleri başarýar. Awtomatlaşdyrylan tehnologiýalara maýa goýýan «Amazon» kompaniýasy «Fauna Robotics»-iň tejribesinden peýdalanmak isleýär. Bölek söwda kompaniýasynyň ammarlarynda 1 milliondan gowrak robot işledilýär. «Sprout» roboty bolsa, adamlar bilen gatnaşyk saklamak üçin kämilleşdiriler.



ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Mart aýynyň 27-si, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118358
Belgisi: 13/1683
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# BEDEW BATLY DIÝARYMYZYŇ ÖSÜŞLI MENZILLERI

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyz uly ösüşlere beslenýär. Bu taryhy ösüşleriň behişdi bedewlerimiziň badyna deňelmegi halkymyzy diýseň buýsandyrýar. Sebäbi ahalteke bedewlerimiziň okgunly bady ýeňşi alamatlandyrýar. Häzirki bagtyýarlyk döwrümizde bolsa Garaşsyz, hemişelik Bitarap Diýarymyza ýeňişdir üstünlikler ýardyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda atçylyk pudagyny ösdürmek, milli atşynaslygyň däplerini dünýä ýaýmak, şol sanda ahalteke bedewleriniň tohum arassalygyny gorap saklamak boýunça işler yzygiderli durmuşa geçirilýär.

Türkmen halkynyň atlary seýislemek boýunça asyrlaryň synagyndan geçen milli ýörelgeleridir baý tejribesi bar. Halkymyz geçmişde halk seçgiçilik sungatynyň ahalteke bedewi kimin kämil eserini dünýä bermek bilen çäklenmän, eýsem, bu ajaýyp atlaryň arassa ganlylygyny saklamagy hem-de ösdürmegi başarypdyr.



Ýakynda Gahryman Arkadagymyz Hytaý döwletine dostlukly saparynyň çäklerinde «Equuleus» halkara atçylyk toplumyna baryp gördi we ol ýerdäki ahalteke atlaryny synlady. Toplumda ahalteke tohum atlaryny idetmek işiniň türkmen seýisçilik däplerini we usullaryny utgaşdyrmak arkaly alnyp barylýandygyny bellemek gerek. Hormatly Arkadagymyz türkmen halkynyň gadymdan gelýän däbine eýerip, ol ýerde idedilýän behişdi ahalteke bedewiniň boýnuna alaja daňdy. Munuň özi halkymyzyň asyrlar aşyp gelýän asylly ýörelgeleriniň dünýäde wagyz edilmeginde möhüm ähmiýete eýedir.

Bedew – türkmeniň göz-guwanjy, buýsanjy, milli baýlygy. Halkymyzda aýdylyşy ýaly, at – türkmen üçin ähli zat. Ata-babalarymyz «At agynan ýerde toý bolar» diýipdirler. Bu gün ahalteke bedewleriniň mekany bolan türkmen topragynda toýlar toýa ulaşýar. Biz muny 2026-njy ýylymyzyň şygarynda, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň gazanýan üstünliklerinde hem aýdyň görýäris. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary dürli ýurtlarda geçirilen halkara sirk festiwallarynda ençeme gezek baş baýraga mynasyp bolup, Watanymyzyň ýaşyl Tuguny belentde parlatdy.

Rowaçlygy we döwletliligi alamatlandyrýan bedewlerimiziň şan-şöhratyny dünýä ýaýmakda uly işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Begenç ANNAGURBANOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# BELENT MAKSATLARYŇ MYRAT TAPÝAN DÖWRI

Her bir täze dogan Gün berkarar döwletimizi, bagtyýar milletimizi täze ösüşlere atarýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda bedew bady bilen öňe barýan eziz Diýarymyz Ýer ýüzünde ösüşleriň mekany, rowaçlygyň Watany hökmünde uly meşhurlyga eýe boldy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her ýylynyň döwrebap şygar bilen atlandyrylmagy asylly däbe öwrüldi. Türkmenistanyň Mejlisiniň Karary bilen, 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilmegi türkmen halkynyň gadymdan gelýän parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik ýörelgeleriniň rowaçlanýandygynyň, döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň halkara giňişlikde täze many-mazmuna eýe bolýandygynyň aýdyň beýanydyr. Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynda: «Biziň goşa buýsanjymyza – Garaşsyzlyk we Bitaraplyk düşünjelerine, mähriban Watanymyzyň ägirt uly üstünliklerine hem-de beýik ýeňişlerine bolan çäksiz söýginiň ýüregimizden hem ruhumyzdan joşup çykýan duýgulardygyny bellemek möhümdir.

Döwlet berkararlygymyzyň goşa ganaty – Garaşsyzlyk we Bitaraplyk 2026-njy ýylyň şygarynda aýdyň beýanyny tapdy. Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde hemişelik Bitarap Türkmenistan ählumumy parahatçylygy, durnuklylygy, howpsuzlygy üpjün etmek we berkitmek, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin milli derejede, şeýle-de halkara giňişlikde netijeli işleri alyp barýar. 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilmeginiň düýp özeninde hem Gahryman Arkadagymyz tarapyndan öňe sürlen, halkara gatnaşyklary pugtalandyrmagyň «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly filosofiýasy, türkmen Bitaraplygynyň mazmunyndan gelip çykýan umumadamzat ähmiýetli ynsanperwer taglymatlar durýar.

Mälim bolşy ýaly, dünýäde üç gezek ykrar edilen türkmen Bitaraplygynyň binýatlyk häsiýetleri parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetlilik ýörelgelerinden gözbaş alýar. Şonuň üçin hem bu ýylda Gahryman Arkadagymyzyň «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly beýik taglymaty dünýäde has-da rowaçlanar. Ýurdumyz bu beýik taglymaty dünýäde wagyz etmek bilen bir hatarda, umumadamzat bähbitli başlangyçlary hem öňe




sürýär. 2026-njy ýylyň şygary ýurdumyzyň halkara abraýyny artdyrmaga gönükdirilen toplumlaýyn ösüş maksatnamasyny özünde jemleýär. Ol milli ýörelgelere ygrarlylygy, şol bir wagtyň özünde ählumumy ösüşe we tehnologik täzeliklere açyklygy alamatlandyrýar. Bu, öz gezeginde, Ýer ýüzünde ählumumy durnuklylygy we halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde, döwletleriň arasyndaky ynanyşmagy pugtalandyrmakda, dialogy ilerletmekde we parahatçylykly gatnaşyklary has-da berkitmekde uly ähmiýete eýedir.

Türkmen halky toý-baýramçylyklary bagtyýar durmuşyň bezegi hökmünde görýär. Bedew atlar bolsa, şol toýlaryň bezegidir. Şoňa görä, ahalteke bedewleri eziz halkymyzyň milli buýsanjydyr. Şeýlelikde, 2026-njy ýylyň şygarynda mähriban halkymyzyň öz taryhy köklerine ygrarlylygy şöhlelenmek bilen bilelikde, häzirki döwrüň aýdyň hakykaty hem öz beýanyny tapýar. Türkmen halkynyň milli buýsanjy, dünýä medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolan behişdi bedewlerimiz deňsiz-taýsyz gözelligi, syratlylygy, ýyndamlygy hem-de wepadarlygy we asyllylygy bilen tapawutlanyp, asyrlarboýy şahyrlar, suratkeşler, heýkeltaraşlar, sazandalar üçin egsilmez ylham çeşmesi bolup hyzmat edip gelýär.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelere laýyklykda, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ähli ulgamlarda we kärhanalarda Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramçylygyny uly zähmet üstünlikleri bilen garşylamak üçin yhlasly zähmet gaýnap joşýar.

Halkymyzy baky bagtyýarlyga eýe eden Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belent başlary aman, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli tutumlary rowaç bolsun!

**Gülnara SAPARMÄMMEDOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Farmakologiýa kafedrasynyň uly mugallymy, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

# ÄHLIHALK BAG EKMEK DABARASY GURAMAÇYLYKLY GEÇIRILDI

Mähriban Diýarymyzda ählihalk bag ekmek dabarasynyň ýazky hem-de güýzki möwsümleriniň geçirilmegi indi asylly däbe öwrüldi. Häzirki döwürde daşky gurşawy goramak, ýurdumyzyň tebigy serişdelerine aýawly çemeleşmek wezipelerine döwlet derejesinde aýratyn ähmiýet berilýär.

21-nji martda welaýatlarda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde ählihalk bag ekmek dabarasy geçirildi. Şu gezekki ählihalk bag ekmek dabarasynyň barşynda tutuş ýurdumyzda agaç nahallarynyň 611 müň 962 düýbi ekildi. Şeýle hem seýilgähleri, tokaý zolaklaryny arassalamak, abadanlaşdyrmak işleri bilen birlikde, jemi 2 million 24 müň 240 düýp baga ideg etmek işleri geçirildi. Şeýlelikde, ählihalk bag ekmek dabarasy ata Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygyna beslenýän «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzyň



ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek boýunça ählumumy tagallalara goşýan mynasyp goşandynyň nobatdaky beýany boldy. Şeýle ekologiýa çäresi täze seýilgähleriň, tokaý zolaklarynyň döredilmegine, türkmen topragynyň ösümlik dünýäsiniň baýlaşmagyna, amatly howa şertleriniň emele gelmegine ýardam berýär.

Bag ekmek möwsümi Balkan welaýaty boýunça ýörite bellenen meýdanda geçirildi. Köpçülikleýin çärä bilim, medeniýet, saglygy goraýyş, sport we beýleki ulgamlaryň işgärleridir jemgyýetçilik guramalarynyň agzalary, ýaşuly nesliň wekilleri, edara-kärhanalaryň zähmet toparlary hem-de talyp ýaşlar gatnaşdylar. Baglaryň ilkinji nahallaryny oturtmaklygyň ýaşuly nesliň wekillerine, ýaş çatynjalara hem-de röwşen geljegimiziň eýeleri bolan körpelere ynanylmagy çuň many-mazmuna eýe boldy. Medeniýet we sungat ussatlarynyň ýerine ýetiren aýdym-sazlary hem-de talyp ýaşlaryň joşgunly çykyşlary ýygnananlara ruhy lezzet paýlady. Dabaranyň geçýän ýerinde sergiler ýaýbaňlandyryldy, daýhançylyk gurallary, agaç ussalarynyň ýerine ýetiren işleri görkezildi. Dürli bezeg gülleridir bag nahallarynyň, şeýle hem muzeý gymmatlyklaryndan, senetçilige, amal-haşam sungatynyň el işlerine degişli önümlerden guralan sergiler hem aýratyn many-mazmuna eýe boldy. Sportuň dürli görnüşleri boýunça bäsleşikler, görkezme çykyşlary guraldy. Zähmet baýramçylygynyň dowamynda pürli we saýaly agaç nahallarynyň müňlerçe düýbi ekildi.

**Çarymyrat HANGELDIÝEW,**
*TDP-niň Bereket etrap komitetiniň başlygy.*

# MEDENI DIPLOMATIÝA – PARAHATÇYLYK KÖPRÜSI

Häzirki zaman dünýä syýasatynda medeni diplomatiýa halklaryň arasynda özara düşünişmegiň we ynanyşmagyň iň täsirli gurallarynyň birine öwrüldi.

Ýurdumyzda ähli ulgamlar boýunça, şol sanda ynsanperwer ulgamda hem iň gowy dünýä tejribesini öwrenmäge, daşary



ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz tarapyndan durmuşa geçirilýän medeni diplomatiýa bu ugurda öňde goýlan wezipeleri üstünlikli amala aşyrmaga gönükdirilendir.

Medeni diplomatiýa döwletiň öz medeniýetini, sungatyny, dilini we taryhyny dünýä tanatmak arkaly beýleki halklarda özüne bolan gyzyklanmany we hormaty oýarmagydyr.

Sungat sergileri we konsertler türkmen medeniýetiniň daşary ýurtlardaky günleri, nusgawy şahyrlarymyzyň ýubileý dabaralary muňa aýdyň mysaldyr. Milli filmleriň halkara kinofestiwallara gatnaşmagy, edebi eserleriň dürli dillere terjime edilmegi ýurduň mertebesini belende göterýär.

Halkara talyp alyş-çalyş maksatnamalary ynsanperwer diplomatiýanyň möhüm sütünleriniň biridir. Daşary ýurtda bilim alýan ýaşlar diňe bir hünär öwrenmän, öz ýurdunyň medeniýetiniň «ilçileri» hökmünde çykyş edýärler. Bu bolsa geljekde döwletara gatnaşyklaryň has hem ýygjamlaşmagyna şert döredýär.

Uly göwrümli sport bäsleşikleri (Aziada, Olimpiýa oýunlary, dünýä çempionatlary) halklaryň arasyndaky dost-doganlygy ösdürmekde möhüm orna eýedir. Sport meýdançasyndaky dostlukly bäsdeşlik parahatçylyk çagyryşyny alamatlandyrýar.

Medeni mirasy gorap saklamakda we dünýä ýaýmakda ÝUNESKO ýaly halkara guramalaryň orny uludyr. Türkmenistanyň gadymy ýadygärlikleriniň, el halylarynyň we ahalteke bedewleriniň dünýä mirasynyň sanawynda orun almagy medeni diplomatiýanyň uly ýeňşidir. 2019-njy ýylda «Türkmen milli halyçylyk sungaty», 2022-nji ýylda «Türkmen keşdeçilik sungaty» hem-de «Ýüpekçilik we dokmaçylykda ýüpek önümçiliginiň däpleri» ýaly hödürnamalaryň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi aýratyn buýsandyryjydyr.

Mälim bolşy ýaly, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda halkymyz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk baýramyny belleýär. Ahalteke bedewi Diýarymyzda okgunly öňe ilerlemegi, rowaçlygy we döwletliligi alamatlandyrýar. Munuň özi halkymyzyň milli gymmatlyklaryna goýýan belent sarpasynyň aýdyň nyşanydyr. Şonuň üçin her bir üstünlik ýylyň şygaryny many-mazmun taýdan baýlaşdyrýar. Ýakynda Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäherindäki döwrebap «Circus Sea Breeze» sirk toplumynda Türkmenistanyň «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary hem-de Türkmenistanyň Döwlet sirkiniň we Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky Döwlet atçylyk sirkiniň artistleri tarapyndan täsirli çykyşlar görkezildi. Çykyşlarda türkmen artistleri tomaşaçylara milli atly oýunlaryň elementlerini, şeýle hem meşhur ahalteke bedewleriniň üstünde ýerine ýetirilen çylşyrymly akrobatik hereketleri we jigitçilik sungatynyň ajaýyp nusgalaryny görkezdiler. Adam bilen bedewiň sazlaşykly hereketi, ahalteke atlarynyň gözelligi we ýyndamlygy tomaşaçylarda uly gyzyklanma döretdi.

Goý, dünýäde parahatçylygy we durnuklylygy saklamakda ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanýan milli medeni diplomatiýamyz geljekde hem rowaçlyklara beslensin!

**Amandursyn MÄLIKOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň patologik fiziologiýa kafedrasynyň mugallymy.*

# KÖP DIL BILMEGIŇ PEÝDASY

Häzirki zaman dünýäsinde ylmyň we tehnologiýanyň çalt depginde ösmegi, maglumatlar akymynyň ählumumy derejede elýeterli bolmagy bilim ulgamynyň öňünde täze wezipeleri goýýar. Bu wezipeleriň iň esasysy bolsa, daşary ýurt dillerini dünýä ölçeglerine laýyklykda özleşdirmekdir. Emma dil öwrenmek diňe bir özge dildäki sözleri ýat tutmak däl-de, eýsem, adam beýnisiniň funksional ukyplaryny täzelemek we dünýäniň täze akyl modelini gurmakdyr.

Ylmy barlaglar, aýratyn-da funksional magnit-rezonans tomografiýasy (fMRT) arkaly geçirilen barlaglar daşary ýurt dilini öwrenýän adamyň beýnisinde düýpli morfologik üýtgeşmeleriň bolup geçýändigini subut edýär.

Munuň sebäbi, haçan-da täze lingwistik gurluşlary özleşdirenimizde, beýniň merkezleri has işjeňleşýär. Bu bolsa akyl ýetiriş çeýeligini artdyryp, adamyň beýni funksiýalarynyň dowamatlylygyny üpjün edýär.




Mysal üçin, öz ene dilinden başga ýene bir ýa-da birnäçe dil bilýän adamlaryň beýnisi maglumatlary çalt özleşdirmek ukybyna eýedir. Olar bir işden başga bir işe has çalt uýgunlaşýarlar. Bu bolsa häzirki zaman şertlerinde bir wagtyň özünde birnäçe işi ýerine ýetirmek talaplaryna doly jogap berýär.

Şu nukdaýnazardan, daşary ýurt dillerini öwrenmek hem-de özleşdirmek adam üçin ähli ugurlar babatda peýdaly bolup durýar. Şeýle hem häzirki wagtda emeli aň we sanly platformalar daşary ýurt dillerini öwrenmekde hem-de okatmakda döwrebap innowasion gural bolup hyzmat edýärler.

Daşary ýurt dillerini bilýän hünärmenler halkara işewürlik gatnaşyklarynyň we eksport-import amallarynyň tizleşmegine hem goşant goşýarlar. Dünýäniň iň täze ylmy açyşlarynyň 80 göterimden gowragy halkara dillerinde (esasan, iňlis dilinde) çap edilýär. Dili bilmek şol maglumatlara eýe bolmak diýmekdir.

Daşary ýurt dillerini öwrenmek diňe bir goşmaça ukyp däl, eýsem, şahsyýetiň dünýäni has çuňňur we giňişleýin kabul etmeginiň açarydyr. Bu işler ylmy esaslara daýanyp, innowasion usullar bilen utgaşdyrylanda, jemgyýetiň intellektual baýlygynyň artmagyna we ýurduň halkara abraýynyň belende galmagyna hyzmat edýär.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

# BILIM ULGAMYNDA HALKARA HYZMATDAŞLYGY

Häzirki wagtda dünýäde bolup geçýän taryhy özgertmeler öz ýany bilen ylym-bilim ulgamyna hem özboluşly täzelikleri getirýär. Bu günki gün diňe bir kämil bilimli bolmak däl, halkara tejribesini özleşdiren hem-de birnäçe dilde erkin gürläp bilýän hünärmen bolmak üstünligiň esasy açarydyr. Eýsem, dünýäniň öňdebaryjy ýurtlary ylym-bilim ulgamynda we dil öwrenmekde nähili usullary ulanýarlar?

Ösen ýurtlarda, aýratyn-da Finlýandiýa we Singapur ýaly döwletlerde bilim diňe mekdep ýa-da uniwersitet bilen çäklenmeýär. Bu ýurtlarda ömürboýy okamak konsepsiýasy esasynda her bir raýatyň hemişe täze tehnologiýalarydyr ylymlary öwrenmegini talap edýär. Şeýle tejribe işgärleriň zähmet bazarynda hemişe bäsleşige ukyply bolmagyny üpjün edýär.

Dünýäniň iň uly uniwersitetlerinde (MIT, Oksford, Stenford) ylym diňe nazary görnüşinde däl-de, tejribe arkaly öwredilýär. STEM (Ylym, Tehnologiýa, Inženerçilik, Matematika) ulgamy talyplara hakyky durmuşdaky meseleleri çözmegi öwredýär. Ylmy barlaghanalar bilen önümçilik kärhanalarynyň arasyndaky berk hyzmatdaşlyk täze oýlap tapyşlaryň dessine durmuşa ornaşdyrylmagyna şert döredýär.

«Erasmus+», «Fulbright» ýaly halkara maksatnamalar ýaşlara diňe bir bilim bermän, eýsem, dürli medeniýetleri tanamaga we global aragatnaşyk toruny (networking) gurmaga kömek edýär. Halkara tejribesi bolan ýaş hünärmen islendik gurşawa çalt uýgunlaşyp bilýär.

Ine, şu nukdaýnazardan biziň ýurdumyzda hem milli bilim ulgamyny döwrebap derejede ösdürmekde, ony dünýä ölçegleriniň derejesine çykarmakda, özgertmekde we kämilleşdirmekde möhüm konsepsiýalar yzygiderli kabul edilýär. Bu ugurda dün-




ýäniň dürli döwletleri bilen işjeň hyzmatdaşlyklar ýola goýuldy. Ýagny häzirki wagtda bilim ulgamynda Ýewropa Bileleşiginiň «ERASMUS+», Germaniýanyň «DAAD» we «PAD», ABŞ-nyň «Techgirls», «Flex», «SUSI», Hindistan Respublikasynyň «ITEC», Ýaponiýanyň «JICA» we Koreýa Respublikasynyň «KOICA» maksatnamalary boýunça hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Ýewropa Bileleşiginiň Ýewropa okuw gaznasynyň «Merkezi Aziýada ukyply ýaşlar üçin dialog we hereket» («DARYA») taslamasynyň çäklerinde daşary ýurtlaryň bilim edaralary bilen hyzmatdaşlyk ösdürilýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde innowasion halkara tejribeler we umumybilim maksatnamalary okuw-terbiýeçilik işine ornaşdyrylýar. Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň binýadynda dünýäniň abraýly ýokary okuw mekdepleriniň bölümlerini açmagyň mümkinçilikleri öwrenilýär. Bilim boýunça alyş-çalyş maksatnamalarynyň çäklerinde daşary ýurtly professor-mugallymlary ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerine işe çekmegi giňeltmek boýunça işler alnyp barylýar. Bilim ulgamynyň wekilleri daşary ýurtlarda geçirilýän okuw maslahatlaryna, halkara ylmy maslahatlardyr sergilere, forumlara gatnaşýarlar. Ikitaraplaýyn ylalaşyklaryň çäklerinde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen wideoaragatnaşyk arkaly okuw maslahatlary guralýar.

Ylym-bilim dünýäsindäki täzelikleri yzarlamak we daşary ýurt dillerini özleşdirmek her bir ýaş nesil üçin geljegiň kepilidir. Halkara tejribeleriniň ýerli aýratynlyklar bilen utgaşdyrylmagynyň ýurdumyzyň ylmy-intellektual kuwwatyny has-da ýokary göterjekdigi şübhesizdir. Ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary we talyplary ýaş nesillere dünýä derejesinde bilim almaga, Watanymyzyň halkara abraýyny belende götermäge döredip berýän ähli şertleri üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza çuňňur minnetdarlyk bildirýärler.

**Göwher MÄMMETJUMAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

HATYRA

# OWAZY SÄHRAMA SIŇEN BAGŞYDYR

Türkmen halkynyň milli aýdym-saz sungaty giden syrly umman, onuň syryna akyl ýetirip bilenleriň biri-de, öz ýaşan manyly ömründe Wary bagşy lakamy bilen giňden tanalan, Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Baýramguly Aýjanowdyr.

Baýramguly Aýjanow 1926-njy ýylda Etrek etrabynda eneden bolýar. Ol başlangyç ýedi ýyllyk bilimi Etrek etrabynda alýar. Oglanlyk döwrüni Etrek, Akýaýla we Çetli obalarynda geçirýär. Wary bagşynyň daýylary Saparmämmet, Mämmetgylyç, Mämmetweli öz zamanasynyň meşhur bagşylary bolupdyr. Daýylary mal yzynda çarwaçylykda göçüp-gonup gezenligi sebäpli, Warynyň ejesi Ogulgül daýza ony çarwa ýaýlasyna ýany bilen alyp gidýär. Baýramguly daýylaryna kömek berip, agyldan owlak-guzulary çykaryşyp meýdana sonarly ýaýla goýbererdi, al-elwan gülleriň arasynda eli taýaklyja aýdyma gygyrardy, arasynda taýagynyň ujy bilen domalanlary gazyp alardy. Wary oglanlykdan daýylarynyň aýdýan aýdymlaryny durky bilen gulaga öwrülip diňlärdi, özlerinden ogrynça dutarlaryny tirňildedip görerdi. Baýramguly daýylaryndan çopançylyk kärinden daşgary dutar çalmagyň, aýdym aýtmagyň käbir tilsimlerini öwrenýär. Olary halypa tutunýar. Eýýäm 1940-njy ýyllarda ýekelikde toý-meýlisleri sowup ugraýar. Onuň esasy aýdymlary Magtymguly Pyragydan, Molla Gaýybydan bolupdyr, şeýle-de ýerli Gulaş, Baýram, Taýly, Bäjan, Bugra, Diwan, Aşyrgeldi şahyrlaryň goşgularyny saza salyp, aýdym edip aýdypdyr. Uly toýlarda ilkagşamdan ertesi daň atýança aýdym aýdyp, märekäniň «berekellasyny», alkyşyny alyp, joşgunly aýdymlaryny il-gününe sowgat edipdir. Halk bolsa hemişe gowynyň hyrydary. Bagşynyň aýdym-saz örüsi örän giň bolupdyr. Etrekden başlanýan aýdymlar tutuş Balkan, Ahal, Daşoguz sebitlerine ýaýrapdyr. Men diýen wagtlary dessançylaryň däbine eýerip, «Görogly» eposyndan, «Saýatly-Hemra», «Aşyk-Çaňly», «Sonam-Gelin» ýaly halk dessanlaryndan aýdymlary, «Sözle, peleň, haýsy dagyň şiri sen?» diýen rowaýatly aýdymy belent heňde hyjuw bilen ýerine ýetiripdir. Bagşa toý-meýlislerde gyjakda sazandarlyk edenler Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Orazgylyç Gurbanýazow, sazanda Orazgurban Geldigurbanow, Şiri Bugraýew, Araz Täşliýew dagydyr. W.Aýjanow Türkmenistanyň halk artisti, ussat halypa Nurberdi Gulow we Türkmenistanyň halk bagşysy Orazgeldi Ylýasow bilen ýakyn gatnaşykda bolupdyr. 1960-njy ýyllaryň başlarynda Gyzylarbatda Akga Goýmat diýen biri uly toý edip, ogul öýerip, ähli welaýatlardan bagşylary çagyrýar. Bagşylaryň döwresinde nobat Wary bagşa ýetende, onuň belentden joşup aýdan, heniz eşidilmedik üýtgeşik heňli aýdymyna tutuş märeke bilen birlikde, ussat bagşy, Türkmenistanyň halk artisti Sahy Jepbarow hem maýyl bolup oturypdyr. Aýdymlar sepleşip belent heňe baryp ýetende, Sahy aga dillenipdir: «Berekella! Balkanda hem gyzyla gaplaýmaly bagşylar bar eken, bilmändiris» diýip oňa paýtagta baryp, aýdymlaryny ýazga geçirmegi teklip edýär. Şondan soňra W.Aýjanow Türkmen radiosynyň ýanyndaky Halk saz gurallary toparyna baryp, Türkmenistanyň halk artistleri Ata Ablyýew bilen Ýagmyr Nurgeldiýewiň sazandarlyk etmeklerinde alty aýdym, Türkmenistanyň at gazanan artisti Saparguly Işangulyýewiň we Türkmenistanyň halk artisti Ýagmyr Nurgeldiýewiň sazandarlyk etmeklerinde bäş aýdym, Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Orazgylyç Gurbanýazow bilen Türkmenistanyň



halk artisti Ýagmyr Nurgeldiýewiň sazandarlyk etmeklerinde üç aýdym ýazgy etdirýär. Şolaryň içinde O.Gurbanýazow bilen Ý.Nurgeldiýewiň sazandarlyk etmekliginde «Jem biler», A.Ablyýew bilen Ý.Nurgeldiýewiň sazandarlyk etmekliginde «Azat eýlegin», «Saýlap öýlener», «Bezirgen» diýen aýdymlary saklanyp galypdyr we ol aýdymlar häli-şindi radionyň üsti bilen halka ýetirilip dur.

Halypa bagşy öz ýaşan manyly ömründe kän şägirt ýetişdirip, sungatyny geljek nesillere miras galdyrdy. Onuň şägirtlerinden: öz doganlary Nurmämmet, Şageldi, Hangeldi, Hajygeldi Aýjanowlar, Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Ahmet Mededow, Meret Abdyreýimow, Nyýazmämmet Orazow, Gara Allagulyýew, Arazberdi Garajaýew, Hydyrmämmet we Rejep Orazgulyýewler, Oraz Ýegenseýidow hem-de öz ogullary Galkyn, Orazberdi, Meret Aýjanowlary görkezmek bolar. Bagşy birnäçe ýyllaryň dowamynda welaýatyň Baýyr, Çakyrja, Alýar, Agar, Kemen, Orpa, Bäş Çukur, Deleli diýen ýerlerinde mal yzynda çopançylyk edip gezýär. Ömrüniň soňky ýyllary awtoulag sürüjisi bolup zähmet çekýär.

Ussat bagşy Wary Aýjanow 1980-nji ýylyň 8-nji noýabrynda aradan çykdy. Ony Garababa ata gonamçylygynda ýerlediler. Milli aýdym-saz sungatyny ösdürmekde bitiren hyzmatlary göz öňüne tutulyp, aradan çykandan soňra oňa «Türkmenistanyň at gazanan bagşysy» diýen hormatly at dakyldy. Şeýle hem Etrek şäherçesinde ýaşan köçesine onuň ady dakylyp, ebedileşdirildi.

**Hoja BUGRAÝEW,**
*bagşy, mirasgär.*

# KITAPHANALAR – BILIM HAZYNASY

Adamzat taryhynda kitaphana diňe bir kitap saklanýan ýer bolman, pähim-paýhasyň, ylmyň we medeniýetiň mukaddes ojagy bolup hyzmat edip gelipdir. «Kitap – dilsiz mugallym» diýlişi ýaly, kitaphanalar şol mugallymlaryň jemlenen, nesilleriň arasyndaky ruhy köprini gurýan bilim ojaklarydyr.

Türkmen topragynda ýerleşen Gadymy Merw, Köneürgenç we Nusaý ýaly kitaphana toplumlary öz wagtynda dünýäniň iň uly ylym merkezleri hasaplanypdyr. Gündogaryň beýik alymlary Al-Horezmi, Abu Reýhan Biruny we Ibn Sina ýaly şahsyýetler özleriniň dünýäni haýrana goýan açyşlaryny hut şolardan gözläp tapypdyrlar. Türkmen halky üçin kitaphanalar hemişe döwletliligiň we medeniýetliligiň nyşany bolupdyr.

Hormatly Prezidentimiziň kabul eden «Türkmenistanyň kitaphana ulgamyny ösdürmegiň 2025-2029-njy ýyllary üçin döwlet maksatnamasy» hem ýurdumyzda kitaphana ulgamyny döwrebap derejede ösdürmek ugrunda giň tagallalaryň edilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.



Häzirki wagtda kitaphanalar sanly özgerişlikleriň täze tapgyryna gadam basdy. Bu diýildigi, diňe bir kagyz kitaplaryň elektron nusgalarynyň döredilmegi däl, eýsem, bitewi maglumat giňişliginiň emele gelmegidir. Döredilýän elektron kataloglar okyjylara zerur bolan maglumaty birnäçe sekundyň içinde tapmaga mümkinçilik berýär. Wirtual düzüm birlikleri dünýäniň islendik nokadyndan seýrek duş gelýän golýazmalara we ylmy neşirlere elýeterliligi üpjün edýär. Sanly tehnologiýalar arkaly könelen gymmatly ýazgylaryň «ömri» ebedileşdirilýär.

Kitaphanada kitap okamak adamyň diňe bir maglumat goruny däl, içki dünýäsini hem baýlaşdyrýar. Kitap okaýan adam maglumaty seljermegi, logiki yzygiderliligi gurmagy we özbaşdak netije çykarmagy öwrenýär. Yzygiderli kitaphana gatnaýan ýaşlaryň dil baýlygy we sözleýiş ukyby beýlekilerden ep-esli ýokary bolýar. Sanly dünýäniň «çalt maglumat» akymyndan tapawutlylykda, kitaphanadaky gurşaw çuňňur oýlanmaga we ünsüňi bir nokada jemlemäge ýardam edýär.

Geljegiň kitaphanalary ylmy barlaghanalara we innowasion taslamalaryň ara alnyp maslahatlaşylýan meýdançalaryna öwrülýär. Biziň döwrümizde döwletimiz tarapyndan gurlup ulanmaga berilýän döwrebap kitaphanalar hut şu maksatlara gulluk edýär. Olar sanly tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan hem bolsa, özüniň «bilim hazynasy» derejesini elden bermeýär.

Kitaphana gatnamak döwür bilen aýakdaş gitmekdir. Her bir okalan täze kitap ynsan üçin täze bir dünýäniň açylmagydyr. Kitaphanalaryň gapysy hemişe ylym diýip urýan ýürekler üçin açykdyr.

**Roza GAÝYPOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Hajy Ysmaýylow adyndaky kitaphana şahamçasynyň müdiri.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**Älem torunyň täze gözlegçisi.** Çilidäki «El-Sous» obserwatoriýasynda «Canon» kompaniýasynyň 1140 sany teleobýektiwinden ybarat bolan, dünýäniň iň uly linzaly MOTH-RA teleskopynyň gurluşygyna başlandy. Aleks Gerko tarapyndan maliýeleşdirilýän bu taslama galaktikalarda gazyň gowşak şöhlelenmesini we garaňky materiýany öwrenmäge gönükdirilendir. Şu ýylyň ahyrynda işe giriziljek 4,7 metrlik ulgam älemiň gurluşyny öwrenmekde täze döwri açar.



**Antik döwrüň söýgi setirleri.** Arheologlar Pompeiniň diwarlaryndan lazer skaneri arkaly 300-e golaý gadymy ýazgyny, şol sanda «Meni hökman söý» diýen söýgi setirlerini ýüze çykardylar. Miladynyň 79-njy ýylyna degişli bu grafit ýazgylary şäherlileriň gündelik durmuşy barada täze maglumatlary öwrenmäge mümkinçilik berýär.



**Pişikleriň dört aýagynyň üstüne düşmeginiň syry.** Ýaponiýanyň Ýamaguti uniwersitetiniň alymlary pişikleriň oňurgasynyň döş böleginiň bilinden has çeýedigi sebäpli elmydama dört aýagynyň üstüne düşýändigini subut etdiler. Ýokary tizlikli kameralar arkaly geçirilen barlagda jandaryň howada ilki göwresiniň öň bölegini, soňra bolsa arkasyny aýlap ýetişýändigi anyklandy. Bu ylmy açyş geljekde robototehnikada we weterinariýada täze mümkinçilikleri açar.



**Arhimediň ýiten golýazmasy tapyldy.** Fransiýaly barlagçy Wiktor Gisemberg Blua şäheriniň muzeýinden «Arhimediň palimpsestiniň» ýiten 123-nji sahypasyny tapdy. X asyra degişli bu seýrek golýazmada alymyň başga çeşmelerde duş gelmeýän ylmy işleri, şol sanda «Sfera we silindr barada» traktaty bar. Gadymy pergament häzirki zaman barlaglaryndan soň ABŞ-nyň Wolters muzeýindäki asyl nusga bilen birleşdiriler.



**Iňňäniň gözündäki kerwen.** Britaniýaly suratkeş Willard Wigan diňe mikroskop bilen görüp bolýan mikro heýkelleriň sergisini açdy. Ol öz işlerini şeýle bir inçelik bilen ýasaýar welin, hatda eliniň titremezligi üçin çuňňur



dem alyp, rahatlykda hereket edýär. Onuň saçyň taryna sygýan 20-den gowrak täsin eseri bar. Sergiden geljek ähli girdeji haýyr-sahawat işleri üçin berler.

**Benksiniň hakyky ady belli boldy.** «Reuters» agentliginiň žurnalistleri dünýä belli anonim suratkeş Benksiniň hakyky adynyň Dewid Jonsdugyny mälim etdiler. Geçirilen derňewler netijesinde, suratkeşiň şahsyýeti anyklandy. Bu ozal Onuň ýakynlary dymmagy saýlasa-da, žurnalistler bu maglumatyň jemgyýetçilik üçin uly ähmiýetiniň bardygyny nygtaýarlar.



**Pusanda bäbeklere rekord töleg.** Koreýa Respublikasynyň Pusan şäheri täze doglan çaga üçin rekord derejede – 200 müň amerikan dollary möçberde kömek pulybelledi. Şäher häkimligi şeýle hem nika baglaşýanlara 33,2 müň amerikan dollary berýär we bal aýy syýahatlarynyň çykdajylaryny öz üstüne alýar. Bu ägirt uly goldaw çäreleriniň şäheriň geljegine bolan ynamy artdyryp, ýaş maşgalalaryň sanynyň köpelmegine itergi bermegine garaşylýar.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1841-nji ýylyň 27-nji martynda Nýu-Ýorkda Pol Hodžuň oýlap tapan dünýäde ilkinji bug bilen işleýän ýangyn söndüriji ulagy synagdan geçirildi. Agramy 8 tonna barabar bolan bu äpet ulag örän agyrdygy we ýangyn söndürende turbasyndan çykýan tüsse hem-de uçgun sebäpli ulanmak üçin amatsyz bolupdyr. Şeýle-de bolsa, bu oýlap tapyş geljekde ýangyn söndüriji ulaglaryň oýlanyp tapylmagyna ýol açdy.**



# Erkin söwda ylalaşygyna gol çekildi

24-nji martda Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen we Awstraliýanyň Premýer-ministri Entoni Albaniz erkin söwda ylalaşygyny tassykladylar. Şertnama laýyklykda, ÝB-niň eksport harytlaryna goýulýan gümrük paçlary aýrylar. Bu bolsa Bileleşige ýylda bir milliard ýewro tygşytlamaga we eksporty 33% artdyrmaga mümkinçilik berer.

Ylalaşyk peýnir, şokolad we käbir miwe-gök önümlere goýulýan gümrük paýyny nola düşürýär. Et önümleri boýunça Awstraliýa ýyllyk 30 müň 600 tonna goýun we 25 müň tonna sygyr eti kwotasyna razy boldy. Şeýle-de, Ýewropada öndürilýän elektroulaglaryň 75%-i Awstraliýanyň awtoulag salgydyndan boşadyldy.

Söwda ylalaşygyndan başga-da, taraplar howpsuzlyk we goranmak ugrunda hyzmatdaşlyga gol çekdiler. Brýussel erkin söwda baradaky ylalaşyk arkaly Awstraliýanyň litiý, alýumin we margenes ýaly möhüm çig mallaryna elýeterlilik gazandy. Bu ädim Hindi-Ýuwaş ummany sebitinde ykdysady hyzmatdaşlygy diwersifikasiýa etmek ugrundaky strategik ýmtylma hökmünde baha berilýär. 2025-nji ýylda Ýewropa Bileleşigi täze bazarlary gözlemäge we hyzmatdaşlyk ugurlaryny diwersifikasiýa etmäge işjeň girişdi.

Şol sebäpli ÝB soňky bir ýylyň dowamynda Meksika, Şweýsariýa, Indoneziýa we MERKOSUR ýurtlary bilen hem şeýle ylalaşyklary baglaşdy.

Ýewropa Bileleşiginiň kompaniýalary geçen ýyl



Awstraliýa 37 milliard ýewro möçberinde haryt eksport etdiler. Şeýle hem, 2024-nji ýylda hyzmatlar eksportynyň möçberi 31 milliard ýewro ýetdi. Bu görkezijiler ikitaraplaýyn ykdysady gatnaşyklaryň strategik ähmiýetini we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň barha giňeýändigini tassyklaýar.

# Çarnwirakulyň ynamly ýeňşi

19-njy martda Tailandyň Premýer-ministri Anutin Çarnwirakul parlament saýlawlarynda gazanan ynamly ýeňşinden soň, ikinji möhlete gaýtadan saýlandy. Bu



barada «Reuters» agentligi habar berýär.

Çarnwirakul deputatlaryň köpüsiniň goldawyny almagy başardy, bu bolsa oňa wezipesini saklamaga we ýurdy dolandyrmak üçin täze ygtyýarlyga eýe bolmaga mümkinçilik berdi. Premýer-ministr gysga wagtyň içinde Ministrler Kabinetini düzmäge we esasy wezipeleri çözmek üçin tagalla etmäge taýýardygyny mälim etdi. Ol ykdysadyýeti berkitmegi we ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmagy ileri tutulýan ugurlar hökmünde görkezdi.

Tailandyň Patyşasy Maha Waçiralongkorn (Rama X) geçen ýylyň dekabr aýynda hökümet Baştutany Anutin Çarnwirakula parlamenti ýatyrmaga we 2026-njy ýylyň başynda ýurtda ählumumy saýlawlary geçirmäge rugsat berdi. Wekiller palatasyna saýlawlar Patyşanyň permanyň çykanyndan 45–60 günden soň geçirilýär. Bu döwürde Premýer-ministr çäkli ygtyýarlyklary bolan wagtlaýyn hökümete ýolbaşçylyk edýär. Anutin Çarnwirakul sentýabrda geçirilen parlament saýlawlaryndа Halk partiýasynyň goldawy bilen ýeňiş gazanypdy. Ol dört aýyň dowamynda parlamenti ýatyrmaga we saýlanan Esaslandyryjy ýygnak tarapyndan täze Konstitusiýanyň işlenip düzülmegi boýunça sala salşyk guramaga söz beripdi.

# Partiýanyň liderligine täzeden saýlandy

**Polşanyň Premýer-ministri Donald Tusk dolandyryjy «Raýatlyk koalisiýasy» partiýasynyň liderligine täzeden saýlandy. Bu barada Seýmiň (parlamentiň aşaky palatasy) spikeriniň orunbasary Dorota Nedzelýa mälim etdi.**

**– Donald Tusk 97% goldaw aldy. Oňa 16 müň 695 adam ses berdi, 379 adam bolsa garşy çykdy – diýip, Nedzelýa belledi.**

**Partiýanyň liderini saýlamak boýunça geçirilen ses berişlige «Raýatlyk koalisiýasynyň» hukugy bolan agzalarynyň 78%-i gatnaşdy. Tusk partiýadaky saýlawlaryň netijeleri barada X platformasynda teswir galdyryp: «Saýlawlarda 97% ses alma-**



**gym meni haýran galdyrdy» diýip ýazdy. Partiýa lideriniň mundan ozalky saýlawlary 2021-nji ýylyň oktýabrynda geçirilipdi. Şonda Tusk «Raýatlyk koalisiýasy» üçin 97,4% ses alyp, ýeňiş gazanypdy.**

# «Erkinlik» hereketi ýeňiş gazandy

22-nji martda Sloweniýanyň Döwlet ýygnagyna (parlamentiň aşaky palatasy) geçirilen saýlawda ýurduň Premýer-ministri Robert Golobyň dolandyrýan «Erkinlik» hereketi 29,9% ses alyp ýeňiş gazandy. Bu barada ýurduň Radio we telewideniýesi habar berdi.

Ikinji orny 27,5% ses bilen Ýanez Ýanşanyň Slowen demokratik partiýasy (SDP) eýeleýär. Premýer-ministriň dolandyryan koalisiýasyndaky hyzmatdaşlary bolan «Sosial-demokratlar» partiýasy, şeýle-de «Çepçiler» we «Vesna» partiýalarynyň bitewi sanawy degişlilikde saýlawçylaryň 6,7% we 6,3% goldawyndan peýdalandylar. Şeýle-de, parlamente aşakdakylar girýärler: «Täze Sloweniýa – Hristian demokratlar», Slowen halk partiýasy we «Fokus» partiýasyndan ybarat bolan sagçy-merkezçi blok (9,4%); SDP-niň öňki agzasy we Sloweniýanyň DIM-niň başlygy Anže Logaryň «Demokratlar» partiýasy (5,9%); Ýewroskeptik «Resnica» («Hakykat») partiýasy (5,2%).

Sloweniýanyň Premýer-ministri Robert Golobyň «Erkinlik» hereketi parlament saýlawlaryndaky ýeňşinden soň, dolandyrýan koalisiýany döretmek boýunça gepleşiklere başlady.

Maglumata görä, «Erkinlik» ähli demokratik partiýalaryň wekilleri bilen duşuşyk geçirmegi meýilleş-



dirýär. Mundan ozal hereketiň wise-başlygy Mateý Arçon Slowen demokratik partiýasyndan (SDP) başga ähli syýasy güýçler bilen koalisiýa gepleşikleriniň mümkindigini aýdypdy. «Resnica» («Hakykat») partiýasynyň lideri Zoran Stepanowiç gepleşiklere çakylyk alandygyny tassyklady.

# 2026-njy ÝYLYŇ AWIASIÝA REÝTINGI

2026-njy ýylyň «Skytrax World Airport Awards» we «AirlineRatings.com's World's Best Airline Awards» bagraklarynyň ýeňijileri yglan edildi. Bu bäsleşigiň netijelerine görä, Aziýa sebiti ýene-de öňdeligi eýeledi. Singapuryň Çangi aeroporty taryhynda 14-nji gezek bu bagraga mynasyp bolup, «2026-njy ýylyň iň gowy aeroporty» diýlip saýlandy. «Qatar Airways» bolsa, 2025-nji ýylyň ýeňijisi «Korean Air»-i ýzda galdyryp, «dünýäniň iň gowy doly hyzmatly awiakompaniýasy» boldy. Geçen ýyl ikinji orny eýelän Dohanyň «Hamad» halkara aeroporty «Skytrax» reýtinginde orun almady.

Dünýäniň iň gowy bäş aeroporty Aziýada ýerleşýär: Çangi halkara aeroporty (Singapur), Inçhon halkara aeroporty (Koreýa Respublikasy), Haneda halkara aeroporty (Ýaponiýa), Gonkong



halkara aeroporty (Hytaý), Narita halkara aeroporty (Ýaponiýa). Awiakompaniýalaryň arasynda hem Aziýa öňde barýar: «Qatar Airways»-den soň, ikinji ýerde «Cathay Pacific», üçünji ýerde «Singapore Airlines», dördünji ýerde «Korean Air» we bäşinji ýerde «STARLUX Airlines» gelýär.

● ***Ýewropanyň iň gowy aeroportlary.*** Ýewropanyň iň gowy aeroporty diýlip, Parižiň «Şarl-de-Goll» howa menzili saýlandy (umumy reýtingde 6-njy orun). Ol eýýäm dördünji ýyl yzygiderli Ýewropada sanawyň başyny çekýär. Ondan soňky orunlary Rimdäki «Fýumiçino» (7-nji orun), Stambul (8-nji orun) we Mýunhen (9-njy orun) aeroportlary eýelediler. Şeýle hem sanawa Helsinki-Wantaa (11), Wena (15), Londonuň «Hitrou» (16), Amsterdamyň «Skhiphol» (17) we Sýurih (19) aeroportlary girdi. Budapeştiň halkara aeroporty Gündogar Ýewropanyň iň gowusy boldy, Londonyň «Hitrou» aeroporty bolsa söwda etmek üçin iň gowy howa menzili diýen bagragy aldy.

● **Ýewropanyň awiakompaniýalary we täze kategoriýalar.** Ýewropanyň doly hyzmatly awiakompaniýalarynyň arasynda iň ýokary görkeziji «Turkish Airlines» kompaniýasyna degişli (7-nji orun). Ondan soňra «Virgin Atlantic» (13), KLM (18), «Air France» (19) we «LOT Polish Airlines» (25) gelýär.

«AirlineRatings.com» saýtynda arzan bahaly we «gibrid» awiakompaniýalar (uçuş wagtyna görä hyzmatyň görnüşini üýtgedýänler) üçin aýratyn reýting hem bar. Ýewropanyň arzan bahaly awiakompaniýalarynyň arasynda «AirBaltic» dördünji orny eýeledi. Ondan soňra «easyJet» (8), «Wizz Air» (9), «Ryanair» (11), «Jet2» (12) we «TUI Group» (13) gelýär. Bu ýyl «Lufthansa» iň gowy «gibrid» awiakompaniýa diýlip saýlandy. Şeýle hem, «SWISS» (7), «Finnair» (8), «British Airways» (9) we «TAP Portugal» (10) ýaly kompaniýalar gibrid kategoriýasynda ýokary orunlary eýelediler.

# Sosial-demokratlar ýene-de öňde

24-nji martda Daniýada geçirilen möhletinden öňki parlament saýlawlarynyň deslapky netijeleri mälim edildi. Ýurduň häzirki Premýer-ministri Mette Frederikseniň ýolbaşçylygyndaky Sosial-demokratik partiýa (DSDP) sesleriň agramly bölegini alyp, ýene-de birinji orny eýeledi.

Ýurduň gury ýer böleginde Sosial-demokratlar 21,9 göterimi ses almagy başardylar. Beýleki öňe saýlanan partiýalaryň sanawy şeýle: Sosialistik halk partiýasy: 11,5%, «Wenstre» (Liberal partiýa): 10,3%, Liberal alýans: 9,4%, Daniýanyň halk partiýasy: 9,2%.

Soňky ýedi ýylyň dowamynda Daniýanyň hökümetine ýolbaşçylyk edip gelýän Mette Frederiksen saýlaw kampaniýasyny «Bil baglap boljak Premýer-ministr» diýen şygar astynda alyp bardy. Halkara syýasatçylaryň bellemegine görä, Frederikseniň Grenlandiýanyň özbaşdaklygyny we milli bähbitleri halkara arenasyn-



da berk goramagy abraýynyň has-da artmagyna getirdi.

Premýer-ministr öz çykyşlarynda bilimi we durmuş goraglylygyny has-da gowulandyrmagy, şeýle hem immigrasiýa syýasatynda ýzygiderli tertip-düzgüni saklamagy wada berdi.

Daniýanyň 179 orunlyk bir palataly parlamenti bolan Folketingde hiç bir partiýa bir özi absolýut köpçülige gazanyp bilmedi. Bu bolsa ýurduň köp partiýaly demokratik däplerine görä, täze koalisiýon hökümeti gurmak üçin syýasy gepleşikleriň başlanjakdygyny aňladýar.

Häzirki wagtda syçylar hökümet düzümi üçin birnäçe syýasy güýçleriň, şol sanda häzirki goranmak ministri Truls Lund Poulseniň we daşary işler ministri Lars Lökke Rasmusseniniň hem mümkinçiliklerini ýokarlydygyny belleýärler.

Daniýanyň geljek dört ýyllyk ösüş ugruny kesgitlejek bu saýlawlar, ýurduň ykdysady durnuklylygyny we sosial abadançylygyny berkitmäge gönükdirilendir.



# ÝEREWANDA ÝLMY MERKEZ GURULÝAR

**Niderlandlaryň MVRDV binagärlik býurosy Ermenistanyň paýtagty Ýerewanda «EU Tumo»-nyň inženerçilik we amaly ylymlar konwergensiýa merkeziniň täsin binasynyň gurluşygyna başlady. Bu bina Razdan derýasynyň kenaryndaky we Ararat dagynyň etegindäki baýyrlykda ýerleşer. Binagärler relýefden ýokary galdyrylan uzyn konstruksiýany teklip etdiler. Binanyň fasadynda uly aýna boşluklar göz öňünde tutulypdyr.**

**Binanyň daşky gabygy ýarym dury polikarbonatdan ýasalar. Gündizine bu material Gün şöhlesini geçirýär, agşamyna bolsa fasad binanyň içine ýumşak ýşyk saçyp başlaýar.**

**Binanyň içki bölegi bäş gatdan ybarat bolup, okuw we iş otaglary ýerleşer. Binada gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri bilen işleýän ýyladyş we sowadyş ulgamlary, ýelejirediji ulgamlar we ýyly pollar göz öňünde tutulan. Bu bolsa toplumyň energiýa netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam eder.**

**MVRDV 1993-nji ýylda Winni Maas, Ýakob wan Reýs we Natali de Wris tarapyndan esaslandyrylan Niderlandlaryň binagärlik býurosydyr. Ol jemgyýetçilik binalarynyň, ýaşaýyş toplumlarynyň we şäher giňişlikleriniň taslamalary bilen meşhurdyr. Býuro tarapyndan amala aşyrylan taslamalarynyň arasynda Rotterdamdaky Markthal we Ýewropadaky hem-de Aziýadaky medeni merkezler bar.**

# Adamzadyň iň gymmat tehnologik taslamalary

Her döwür özünden soň medeniýetiň we ylmyň özboluşly yzlaryny galdyrýar. Şu günki günde tutuş nesilleriň arzuwlaryny we ymtylmalaryny amala aşyrýan ägirt uly inženerçilik üstünlikleri şeýle ýadygärliklere öwrülýär. Geliň, adamzat zehininiň mümkinçiliklerini ýüze çykarýan ähli döwürleriň iň gymmat bahaly taslamalarynyň üçüsine göz aýlalyň.

● **Halkara kosmos bekedi (HKB).** Bahasy: 150 milliard amerikan dollary. Ynsan eliniň döreden hiç bir zady bize mundan gymmat düşmedi. HKB dünýäniň on bäş ýurdundan ýüzlerçe hünärmeniň we kosmonawtlaryň tagallasy bilen on ýyldan gowrak wagtyň dowamynda guruldy. Bu diňe bir synaglar üçin platforma däl-de, eýsem, kosmos giňişligini öwrenmekde täze gözýetimleri açan halkara hyzmatdaşlygyň hakyky nyşanydyr. Halkara kosmos bekediniň kömegi bilen tebigy betbagtçylyklardan soň millionlarça adamyň ömrüni halas eden suw



arassalaýjy ulgamlar (süzgüç) we häzirki zaman kameralarynda ulanylýan sensor tehnologiýalary peýda boldy.

● **Halkara synag termoýadyly reaktory (ITER).** Bahasy: 22-den 65 milliard amerikan dollaryna çenli. Häzirki wagtda Fransiýanyň günortasynda amala aşyrylýan bu taslama energetikada özgerişligi amala aşyrmagy wada berýär. ITER termoýadyly sintezini energiýasyny, ony ýer ýüzindäki ýaşaýyş üçin sarp edilýän energiýadan has netijeli almagyň mümkinçiligini görkezmeli. Bu adamzadyň energetika goýan geljegi uly maýasydyr. Eger synaglar üstünlikli geçse, dünýä ilaty üçin tükeniksiz we ekologiýa taýdan arassa energiýa çeşmesi elýeterli bolar.

● **«Hubble» teleskopy.** Bahasy: 14 milliard amerikan dollary. 1990-njy ýyllarda kosmos giňişligine çykarylan bu enjam ençeme bökdençlikler, şol sanda gyssagly bejerilmeli bolan aýna näsazlygy hem ýüze çykypdy. Emma onlarça ýyl geçensoň, «Hubble» kosmos giňişliginde ýokary durulykdaky 1,5 milliondan gowrak surat düşürdi.

# Dünýäniň iň bagtly ýurtlary

Her ýyl Oksford uniwersitetiniň Sagdynlyk barlag merkezi we BMG-niň Durnukly ösüş çözgütleri torunyň bilelikde taýýarlamagynda dünýäniň iň bagtly ýurtlarynyň sanawy mälim edilýär. Ýyllyk hasabata görä, Finlýandiýa yzly-yzyna dokuzynjy ýyl dünýäniň iň bagtly ýurdy diýlip yglan edildi. Sanawda Islandiýa ikinji, Daniýa üçünji, Kosta-Rika dördünji, Şwesiýa bäşinji orunda gelýär. Dördünji orundaky Kosta-Rika ençeme ýyllardan sanawa girizilen Latyn Amerikasy ýurdy boldy. Norwegiýa, Niderlandlar, Lýuksemburg, Şweýsariýa ilkinji onluga giren Ýewropa ýurtlary boldy. Sanawda Kanada 25-nji orunda, Beýik Britaniýa bolsa, 29-njy orunda gelýär.

Dünýäniň iň bagtly ýurtlarynyň sanawy 147 ýurtdan meýletinçileriň gatnaşyp, ýaşaýyş durmuşy barada baha bermegi esasynda düzülýär. Sanawyň düzülmegine adam başyna düşýän girdeji, ömür dowamlylygy, haýyr-sahawat, erkinlik ýaly ýagdaýlar hem uly täsir edýär. Bilermenler sosial mediýanyň ösmeginiň, uzak wagtlap telefona güýmenmegiň adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesine oňaýsyz täsir edýändigini belleýärler. Dünýäniň bagtly ýurtlarynyň ýaşaýjylary jemgyýetçilik aragatnaşygyny saklamak bilen bir hatarda, tebigatda dynç almaga, sport bilen meşgullanmaga we medeni çärelere gatnaşmaga aýratyn üns berýärler.



# SAHNA OÝUNLARYNYŇ TARYHY WE MEŞHUR TEATRLAR

**Adamzat durmuşynda entek elektron enjamlaryň pikiri hem edilmeýän döwründe köpçüligi güýmemek we wagtyny gyzykly geçirmek maksady bilen ilkinji sahna oýunlary peýda bolýar. Taryhy maglumatlara görä, ilkinji sahna oýny komediýa bolup, şäheriň daşyndaky ýörite meýdançada sessiz, gülküli hereketler bilen ýerine ýetirilipdir. Ilkinji teatr oýny V asyryň başynda Afiny şäherindäki Akropolda ýerleşýän Dioniz teatrynda görkezilýär. Şondan soňra teatr tomaşa edilýän meşhur güýmenjä öwrülip, bütin Gresiýa ýaýraýar. Ýurtda teatr jaýlary peýda bolup, sahna oýunlary üçin ýörite eserler ýazylyp başlanýar. Häzirki wagtda ähli şäherlerde diýen ýaly teatr jaýlary bolup, köpçülige dürli oýunlar hödürlenýär. Her ýylyň 27-nji martynda Bütindünýä teatr güni halkara jemgyýetçiligi tarapyndan bellenilip geçilýär. «Teatr» sözi «teatron» grek sözünden gelip çykyp, «görmek üçin ýer» diýen manyny aňladýar. Sahna eserlerini täsiri taýdan iki topara – komediýa (şadyýan) we tragediýa (gaýgyly) oýunlara bölmek mümkin. Teatrda aktýorlardyr aktrisalar hereketiň, sözüň we aýdym-sazyň üsti bilen hakyky we hyýaly durmuş wakalaryny janly şekilde tomaşaçylara ýetirýärler. Teatr şu günki we taryhy wakalara esaslanmak bilen, tomaşaçylara durmuş sahnasyny açyp berýär.**

**Dünýädäki iň meşhur teatrlaryň sanawynda Sidneý opera teatry, La-Skala teatry, Opera Garnýe teatry, Globus teatry, Minak teatry, Feniçe teatry öňdeligi eýeleýär. 2 müňe golaý tomaşaçylara niýetlenen uly sahnalarda her ýyl 20-den gowrak opera oýunlary we 100-den gowrak sahna çykyşlary görkezilýär.**



● **Elgin we Gyş bagy, Toronto.** Kanadanyň Toronto şäherinde ýerleşýän goşa teatr 1913-nji ýylda açylýar. 1989-njy ýylda täzeden açylan Elgin teatryna 1 müň 538, Gyş bagy teatryna 982 tomaşaçy sygýar. Elgin we Gyş bagy teatry Kanadanyň milli taryhy ýadygärligi hasaplanýar.

● **Sidneý opera teatry, Sidneý.** Awstraliýa diýlende, ak ýelkenli ullakan gaýyga meňzeş teatr göz öňünde janlanýar. Sidneý şäheriniň iň meşhur ýerleriniň biri bolan bu teatr 1973-nji ýylda açylýar. Daniýaly binagär Ýorn Utson tarapyndan taslamasy işlenip düzülen teatrdaky oýunlara tomaşa etmek üçin her ýyl 2 milliondan gowrak tomaşaçy barýar. Sidneý opera teatry 2007-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.





● **Tampa teatry, Florida.** 1926-njy ýylda açylan bu teatr içerki bezegi bilen tomaşaçylaryň ünsüni özüne çekýär. Asmana meňzeş açyk gümmezi bolan bu teatryň sahna meýdançasy şäher galasyny ýadyňa salýar. Jon Ebersonyň taslamasy esasynda gurlan teatrda her ýyl 600-den gowrak çäre geçirilýär. Köşk teatrynda sahna oýunlary bilen bir hatarda, filmler görkezilýär, aýdym-sazly dabaralar we konsertler guralýar.

● **Minak teatry, Kornuoll.** Deňiz kenaryndaky, açyk asmanyň astyndaky teatr Orta asyrlary ýadyňa salýar. Daşdan oýulyp ýasalan uzyn oturgyçlary bolan teatr Atlantik ummanynyň kenaryndaky beýik gaýada ýerleşýär. Teatr «meynek» sözünden gelip çykyp, «daşly ýer» diýmegi aňladýar. Minak dünýäniň iň täsin teatrlarynyň biri hasaplanýar. 1932-nji ýylda açylan teatrda maý-sentýabr aýlary aralygynda oýunlar görkezilýär.





● **«Teatro del Mondo», Wenesiýa.** Kanallar şäheriniň merkezinde ýerleşýän «Teatro del Mondo» diň şekilli gurluşy bilen tapawutlanýar. Beýikligi 25 metre ýetýän sekizburçluk şekilli binanyň gurluşygynda, esasan, agaç ulanylypdyr. Deňizde maýak hökmünde ulanylýan bu teatr «Dünýäniň teatry» diýmegi aňladýar.



*Tebigy täsinlik*

# ÇŽANSZÝAÝZE MILLI SEÝILGÄHI

Hytaýyň günorta-günbatarynda, Hunan welaýatynyň Wulinýuan goraghanasynyň çäginde ýerleşýän Çžanszýaýze milli tokaý seýilgähi dünýäniň täsin ýerleriniň biri hasaplanýar. Wulinşan daglyk ulgamyna degişli bolan bu seýilgähiň tutýan meýdany 4 müň 810 gektara barabar. Çžanszýaýze 1982-nji ýylda milli seýilgäh hökmünde ykrar edilýär. 1992-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen seýilgähdäki dik gaýalaryň we tokaýyň uzak ýyllaryň dowamynda ýagşyň köp ýagmagy, howanyň we çyglylygyň üýtgemegi bilen emele gelendigi çaklanylýar.



Kwarsdan we daş jynsyndan düzülen dik gaýalar seýilgähiň iň esasy aýratynlygy bolup, iň uzyn gaýanyň beýikligi 1080 metre ýetýär. Hytaýlylar bu gaýany «Awatar-Hallelujah dagy» diýip atlandyrýarlar. Syýahatçylar bolsa oňa «Awatar dagy» diýýärler. Seýilgähde 3 müňden gowrak gaýa bolup, olaryň üçden biri 200 metrden beýikdir. Seýilgähiň iň beýik nokady 1890 metre barabar Doupeng dagy hasaplanýar. Gaýanyň daşyndan aýlanyp geçilýän (uzynlygy 100 metr, ini 1,5 metr) pyýada aýna ýoly, asman köprüsi (Zhangjiajie Grand Canyon) we açyk kapsulaly «100 aždarha lifti» (Bailong Lift) seýilgähiň iň meşhur ýerleri hasaplanýar. Bulardan başga-da, seýilgähiň düzüminde birnäçe gowak, emeli Baofeng köli bar.

Milli seýilgähde 3 müňe golaý ösümlik ösýär. Dünýäde seýrek duş gelýän kepderi agajyny, gingko we gyzyl agajyny bu ýerde görmek bolýar. Sebitiň haýwanat dünýäsi hem köp görnüşli bolup, 500-den gowrak janly-jandar ýaşaýar.

**Dünýäde garynjanyň 15 müň 700-den gowrak görnüşi duş gelýär.**

## ÇAGALAR DÜNÝÄSI

# GIJESINE GÜL AÇÝAN ÖSÜMLIKLER

**Gijesine açylýan güller tebigatyň iň syrly ösümlikleri hasaplanýar. Aýyň ýagtysyna öwşün atýan güller alymlary we tebigaty söýüjileri geň galdyrýar. Gündizine diňe baldakdan ybarat käbir güller gijesine owadan görnüşe eýe bolýar. Eýsem, näme üçin käbir gül gündiz däl-de, gije açylýar?!**

Käbir ösümligiň gije gül açmagynyň esasy sebäbi tozanlandyrma bilen baglydyr. Bu ösümlikleri gündizine işjeň bolan arylar ýa-da kebelekler däl-de, güýeler we gijesine uçýan käbir mör-möjekler tozanlandyrýar.

Mundan başga-da, gijesine gül açmak yssy we gurak sebitlerde bitýän ösümlikler üçin uýgunlaşma bolup, suw ýitgisini azaldýar. Günüň ýakyp barýan yssysyndan goranmak arkaly bu ösümlikler howanyň salkynlaýan wagty – agşamyna güllemek bilen ýaşamak mümkinçiligini artdyrýar.

### GIJESINE AÇYLÝAN GÜLLER

**Gijäniň Şa zenany.** Gije açylýan güller barada gürrüň gozgalanda ilki bi-



len gijeki Şa zenany güli (epiphyllum oxypetalum) göz öňüňe gelýär. Adatça ýylda bir ýa-da iki gezek gülleýän bu ösümlik bary-ýogy 3-4 sagat gül açýar. Ýiti we hoşboý ysy bolan bu gül sabyrlylygyň nyşany hasaplanýar. Ýyldyza meňzeş gültäji we seçege meňzeş gülýapraklary bolan ak gül dünýädäki iň gymmat gülleriň biridir. Bu ösümlige başgaça «kadupul» hem diýilýär.

**Gije gözeli.** Gijesine açylýan owadan gülleriň biri hem «gije gözeli» ady bilen tanalýan «mirabilis jalapadyr». Bu ösümligiň ak, sary, gülgün we gy-



zyl reňkli gülleri Gün ýaşanda açylýar we irden ýapylýar. Ekmek we ideg etmek aňsat bolandygy sebäpli bu gül bezeg üçin köp ýerde ekilýär. Gije gözeli, esasan, şäherde ekilýän meşhur ösümlikleriň biridir.

**Gije günebakary.** Adyndan belli bolşy ýaly, günebakara meňzeş



bu gül diňe gijesine Aýyň ýagtysyna açylýar. Owadan we göze ilýän owadan gülleri bolan bu ösümlik çalt boý alýandygy bilen tapawutlanýan Aý günebakary agaja çolaşyp ösüp hem bilýär. Gijesine sap-sary bolup öwşün atýan bu gül daň atýança owadan görnüşi emele getirýär.

**Gije jasmini.** Bu ösümligiň hoşboý ysy bilen tapawutlanýan kiçijik gülleriniň gijesine açylýandygy kän duýulmaýar.



Jasminiň gijesine açylýan we bark urýan bu görnüşi (nyctanthes arbor-tristis) şäher ýerlerinde köplenç eýwana ekilýär. Otag güli hökmünde idedilýän gije jasmini rahatlanmaga ýardam edýär.

**Brugmansiýa.** Jaňjagaz şekilli sary gülleri bolan bu ösümlik owadanlygy



bilen ünsi özüne çekýär. Tropik häsiýete eýe bolan bu güli köpler uzyn surnaýa meňzedýärler. Bu gülüň käbir görnüşiniň zäherlidigi sebäpli öýde ýa-da howluda ekmek maslahat berilmeýär.

# Hala miwesi

Günorta-Gündogar Aziýada, Gündogar Awstraliýada, Ýuwaş ummanynyň kenarlarynda we Gawaý adalarynda ösdürilip ýetişdirilýän miweleriň biri hem hala miwesidir. Gyzgylt-mämişi reňkdäki bu miwe daşyndan sosnanyň ullakan gozasyna çalym edýär. Konusa meňzeş birnäçe bölejikden düzülen hala miwesiniň içki suwly bölegi sakgyç ýaly çeýnelýär. Miwäniň ululygy 30 santimetre çenli ýetýär. «Ýarylýan miwe» ady bilen tanalýan bu miwe, esasan, tagamlara goşulýar. Şeýle hem, jem, marmelad taýýarlanylýar. Başgaça pandanus diýlip atlandyrylýan bu miwäniň ananasa meňzeş tagamy bolýar. Hala agajynyň beýikligi 14 metre çenli ösýär. Ini 5-11 metr aralygynda bolýan bu agaç ýekene meňzeş tikenli ýapraklary bilen tapawutlanýar. Pandanus Madagaskarda we Malaýziýada has köp iýilýän miweleriň biridir.




# Garynjalar bir-biri bilen nädip habarlaşýarlar?!

**Tebigatyň iň işeňňir we tertip-düzgünli jandarlarynyň biri bolan garynjalar bir-biri bilen habarlaşmak üçin täsin usullary ulanýarlar. Iýmiti şol bir ýoldan daşaýandygyna we bir hinde ýaşaýandygyna garamazdan, garynjalar feromonlar diýilýän himiki maddany bölüp çykarmak arkaly bir-biri bilen habarlaşýarlar. Kiçijik zähmetkeşler däne süýräp barýarka, şol ysy alýar we bellenen ýoldan çykman azygy hinine eltýär. Bu usul arkaly garynjalar azygy çalt we howpsuz daşap bilýärler. Syn eden bolsaňyz, topar bolup iýmit daşaýan garynjalar birden ýitirim bolup, başga bir ýoldan hatar bolup gyş azygyny daşap ugraýarlar. Gözegçi garynjalar «täze ýoluň çekilmegini» işçi garynjalar üçin howpsuz hasaplaýarlar. Köne garynja ýollary awtoulag hereketi ýa-da adamlaryň ýöräp geçýändigi sebäpli howply saýylýar.**



**Garynjalar aragatnaşyk saklamak üçin murta meňzeş antennalaryny hem ulanýarlar. Işçi garynjalar ýöräp barýarkalar bir-biri bilen «salamlaşyp» geçýärler. Bu olaryň öňünden çykan garynjanyň öz toparyna degişlidigini anyklamagyna, iýmit paýlaşmagyna ýa-da ýüküni göterişmegine ýardam edýär.**

**Garynjanyň käbir görnüşi göwresini ýere sürtmek arkaly örän pes ýygylykda titreme döredýär. Adamlar bu sesi eşidip ýa-da duýup bilmeýärler. Emma garynjalar sürtülmäni duýup, howply ýagdaýyň bardygyny, başga bir garynjanyň kömek soraýandygyny ýa-da hinine gyssagly girmelidigini bilýärler.**

## Gyzykly maglumatlar

- ☑ Garynjalar öz aralarynda işçiler, goragçylar we köpelýän garynjalar ýaly toparlara bölünýärler.
- ☑ Garynja öz agramyndan, takmynan, 20-50 esse agyr ýüki göterip bilýär.
- ☑ Dünýäde garynjanyň 15 müň 700-den gowrak görnüşi duş gelýär.
- ☑ Garynjalar gulagy bolmasa-da, murtunyň we aýagynyň kömegi bilen howanyň ýagdaýyny we tebigy hadysalary duýup bilýärler. Mysal üçin, garynjalar ýagşyň ýagjagyny öňünden duýýarlar. Şol sebäpli hininiň agzyny gum bilen ýapyp goýýarlar.
- ☑ Garynjalar suwuň aşagynda 24 sagada çenli demini saklap durup bilýärler.
- ☑ Bu jandarlaryň bedeniniň iki gapdalynda dem almaga niýetlenen birnäçe turba ýaly deşijekler bar.
- ☑ Ýer ýüzünde 20 kwadrillion garynjanyň ýaşaýandygy we umumy agramynyň 20 megatona (12 million tonna) barabardygy çaklanylýar.
- ☑ Garynjanyň käbir görnüşi 30 ýyla çenli ýaşap bilýär.




**Labirint**



**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**6 tapawudy tapyň!**



## 14-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** ABŞ-nyň bir ştaty. **2.** Suwsan, tebsirän. **3.** Şweýsar sagat öndürijisi. **5.** «Özüni bilen ...» (nakyl). **6.** Gorky-ürküsiz, hiç zatdan çekinmeýän. **8.** Logiki gapma-garşylyk. **10.** Ýewropada bir döwlet. **12.** Dogry, talabalaýyk. **14.** Tebigy melhemler bilen häzirki zaman lukmançylygyny utgaşdyrmak arkaly ynsanlara şypa berýän ýer. **15.** Kosmetik serişde. **16.** Al-ýaşyl, nepis görnüşli zenan dony. **19.** Saz guraly. **21.** Hijri-kamary senenamasynda aýlaryň biri. **27.** Münüp-düşmek üçin ulanylýan serişde. **29.** Galanyň öňünde giň açyk meýdan. **31.** Ispan suratkeşi Pablo... **32.** Aýdym-saz adalgasy. **33.** Serkerde şahyr Seýitnazar ... **36.** Deňziň düýbüne taşlanýan zynjyrly, gaňyrçakly agyr demir. **37.** «... tutan barmagyny ýalar» (nakyl). **38.** Ördekler maşgalasyndan suwda ýüzýän uzyn boýunly uly guş. **41.** Ýewropada bir döwlet. **42.** Türkmen şahyrlarynyň biri. **43.** Bir öýjükli suwoty. **45.** Planeta. **47.** Ýolbars, şir. **50.** Ýekeleýin. **52.** Söwüdiň inçe ýaprakly çybyklarynyň ýere sallanyşyp duran görnüşi. **53.** Hereket edýän dişli tigir. **56.** Goýnuň ýüňünden ýörite usul bilen taýýarlanýan düşek. **66.** Suwly ýap, salma. **67.** Sahnanyň öňüne gerilýän uly tuty. **69.** Ýaňy bişen gyzgyn çörek dogralyp, üstüne ýag guýlup, owlup, myňçgalanyp taýýarlanylýan iýmit. **70.** Ynha, ine.

● **KESELIGINE:** **3.** Gyz ady. **4.** Bedeniň işleýşini dolandyrýan örän inçe gan damarlar ulgamy. **6.** Doňan suw. **7.** «Tamdyra gyzanda ...» (nakyl). **9.** Milli naharlaryň biri. **11.** Meşhur amerikan aktýory ... Şwarsenegger. **13.** Çatma gurlanda dikilýän esasy direg, sütün. **15.** ...-kanun. **17.** ...-kok. **18.** Nota. **20.** Bir zadyň üst tekizligini çäklendirýän çeti, erňegi. **22.** «Meniň jigim gerekli,/Eli ... çörekli» (Hüwdi). **23.** Duzly suwda gaýnadylyp bişirilenden soň, ýag garylyp ýa-da garylman iýilýän bugdaý däneleri. **24.** Oglan ady. **25.** Lama meňzeş jandar. **26.** Oglan ady. **27.** Ümlük. **28.** Keniýanyň domen belgisi. **30.** Elektromehaniki geçiriji enjam. **32.** Gadymy Mesopotamiýa döwleti. **33.** «Dag, dereler lerzan urar,/Owsun atyp, ... biläni» (Magtymguly Pyragy). **34.** Guýrugy arkan jaýtarylyp duran, zäherli mör-möjek. **35.** Atyň toýnagyna kakylýan ýarym aýlaw demir. **39.** Inçeden uzyn gaýçyguýruk, çalt uçýan, petekesi akja garaja guş. **40.** Gowaça boýly dik ösýän bakja ekini. **44.** ...-giç. **46.** Bedenterbiýäniň düzüm bölegi. **48.** San goşulmasy. **49.** Aýdym-saz adalgasy. **51.** Günorta Amerikanyň gadymy mifiki ýurdy. **54.** Baglaýjy kömekçi. **55.** Kompýuter oýunlaryny öndüriji. **57.** Döwlet emlägi we onuň saklanýan jaýy. **58.** Türkmen şahyry ... Ylýasow. **59.** Möýüň saraýan tory. **60.** Un, bugdaý, arpa we ş.m. guýmak üçin ulanylýan, elde dokalyp tikilen gap. **61.** Köp sanda, köp mukdarda. **62.** Utanç, şerim. **63.** Beden agzasy. **64.** Nota. **65.** Miwe. **68.** Perdeganatlylar maşgalasyndan bolan neşterli mör-möjek. **71.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **72.** Bir örküçli düýe. **73.** Iň uzyn derýalaryň biri. **74.** Aşhana guraly. **75.** Bakja ekini. **76.** Gözüň ýerleşýän ýeri.

## № 4 Üç ölçegli surat



Üç ölçegli suratyň jogaby.

№ 3

## SÖZ GOÝMAK

J A R N A M A

**4 HARPLY:** boks, bagt, lira, ýöne, azot, ukyp, baba, buga, ejik, ataş, açyş, reje, seda, azal, kerk, küpe, çüri, şert, görk, jyga.

**5 HARPLY:** edara, çetik, şerim, Leýli, kamat, eşret, takyr, arzuw, çille, gögel, perzi, akýüp, rişde, lakam.

**6 HARPLY:** agaran, gizlin, Toýota, tudana, siňňil, tunnel, dokuma, deşgiç, arslan, leňňer, gatanç, ýokary, belent, eklenç, çendan, Nýuton.

**7 HARPLY:** göwderi, gowkurt, narynjy, gönümel, örtünje, kambala, elýeter, skripka, garaýyş, bowling, düýeguş, temençe, tapawut, eşretli, jelegaý, çatynja, elýazma, **jarnama,** gaýtgyn, daşarky.

## 10-njy SKANWORD



Däneli ekin
Suw guýulýan gap
Bir zadyň daşyna üýşmek
«... ölmez, alňasan öler» (nakyl)
Bazar ykdysadyýetiniň bir nusgasy
Saz guraly
Gurluşyk enjamy
Aýdym-saz sungatynyň bir žanry
Ýoksul, mätäç
Birnäçe
Gadymy galalaryň biri
Äht, ant
Gök önüm gaplananda ulanylýan ýiti ysly suwulyk
Fransiýada bir derýa
Türkiýäniň bir şäheri
Oýulan, gazylan
Baş, kelle
Seresap bolmaklyk
Ownuk deňiz balygy
Ösümlik dünýäsi
Müşk, anbar
Nepalyň paýtagty
Çuň bolmadyk
Ýaponiýanyň elektronika markasy
Şu zeýilli, şuňa meňzeş
Oglan ady
Ekologiýa ylmynyň hünärmeni
Erbet niýetli adam, ýaramaz
Bir zadyň ters tarapy
Ýüplük egrilýän gural
Tebigy, sintetiki elastomer
Daşary ýurt gyz ady
Söweş sungatynyň bir görnüşi
«Ýaş» sözüniň iňlisçesi
Kebelegiň bir görnüşi
Hindistanyň himiýa kompaniýasy
Işlenip taýýarlanan pagta süýümi
Rus awtoulag kysymy
Düýä meňzeş jandar
Özünden uly erkek dogan
Gurak, klimatly takyr ýer
Daşary ýurt adam ady
Iňlis uzynlyk ölçegi
Betbagtlyk, abanan howp
Çäk, serhet
Aşhana guraly
Gyz ady
Totynyň bir görnüşi
Italiýanyň bir şäheri
Russiýanyň bir şäheri
«Ýag» sözüniň iňlisçesi
Suwuň düýbüne batmak
Kofe öndürmek tehnologiýasy
Häsiýetiglygy ýaramaz bolan
Gerden
Ýelek
Gün ýaşmazynyň öň ýanyndaky wagt
Hazar deňziniň bir ady
Ala ýeleklije, kiçijik guş
Siz bilen baglanyşykly, dahylly
Örän geň, enaýy
Hindi aktrisasy Aýşwariýa ...
...-nyşan



**Güljemal AŞYROWA,**
*Gubadag etrabyndaky 40-njy mekdebiň başlangyç synp mugallymy.*

## 15-nji KROSSWORD

● **KESELIGINE:** **1.** Güne iň ýakyn planeta. **5.** Janyňa degýän, gaharyňy getirýän. **10.** Ganatlylar toparyndan bolup, jyrryldyly ses bilen towusýan, oba hojalygyna zyýanly uçýan möjek. **11.** Ýagynly, güýçli sowuk ýel, harasat. **13.** Saud Arabystanynyň futbol topary. **14.** Keýigiň bir görnüşi. **15.** Harçlanmak, sowlup tükenmek. **18.** Awstraliýada ýaşaýan jandar. **19.** Belli bir ugurdan işleri amala aşyrmak üçin gurama. **20.** Haly dokalanda ýüpi kesmek üçin ulanylýan kiçijik pyçak. **21.** Çap önüminiň bir görnüşi. **22.** Älem, jahan. **26.** Gyz ady. **27.** Gözenekli wulkan aýnasy. **29.** Gyryljyk, gyryk. **31.** Boks geçirilýän ýörite meýdança. **32.** Dogumly, gaýratly. **33.** At esbaby. **36.** Iki ýaşyny dolduran, üç ýaşyna giden düýe. **37.** Maýmynyň bir görnüşi. **38.** Sungatyň bir ugry. **39.** Matematik adalga.

● **DIKLIGINE:** **1.** Jübtek şekilli, agzy ýasyja gural, ýolguç. **2.** Ýokary okuw mekdebiniň işini dolandyrýan we rektor tarapyndan dolandyrylýan edara. **3.** Haj zyýaratlarynyň biri. **4.** Işlenilýän zady gysyp almak, saklamak üçin gural. **6.** Kökünden sary reňk alynýan ot. **7.** «Giç ýat-da ir tur, ... pişegi artyk ur» (nakyl). **8.** Gedem, gopbam. **9.** Hindistanyň bir şäheri. **12.** Çalaja öwüsýän ýel, öwüsgin. **16.** Ýurdumyzda gadymy döwletleriň biri. **17.** Aýlaryň biri. **23.** Ýewropada bir döwlet. **24.** Parfýumeriýa serişdeleriniň biri. **25.** «Görogly» eposynyň bir gahrymany. **26.** Günorta-gündogar Ýewropada, Balkan ýarymadasynda ýerleşýän döwlet. **27.** Çaga lukmany. **28.** Materikleriň biri. **30.** Italýan astronomy Luiji ... **34.** Dünýäde iň bol suwly derýalaryň biri. **35.** Has uly, mähnet.

**Hojaguly BAÝRAMDURDYÝEW,**
Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.

### 13-nji krosswordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | A | N | A | T | O | M | I | Ý | A | | F | | S | A | M | A | R | K | A | N | T | |
| G | | A | L | A | K | A | | O | | B | A | E | | Ý | A | S | Y | B | U | R | U | N |
| Y | S | | | N | A | Z | A | R | K | E | R | D | E | | H | A | S | | T | | R | E |
| S | | I | | S | P | A | | G | | L | U | A | R | A | | N | A | R | | A | | W |
| G | Ü | Ý | Ç | | I | | P | U | L | | K | | T | | O | | R | | E | G | E | R |
| A | | M | A | R | | H | Y | T | A | Ý | | K | E | L | T | E | | D | | A | L | O |
| N | E | | G | O | H | | R | | L | | L | | K | A | A | | E | O | N | | I | P |
| Ç | | P | A | N | D | O | R | A | | T | I | M | I | S | G | E | N | M | E | K | | A |
| | | | | A | | | Y | | | | M | | | | | | | A | | I | | T |
| G | | K | A | L | K | U | L | Ý | A | T | O | R | | A | Ý | P | A | L | T | A | | O |
| Ö | T | | G | D | A | | D | A | G | | N | | O | | O | | B | A | L | | O | L |
| Z | E | Ý | | O | | D | A | R | A | K | | E | B | E | D | I | | N | A | L | | O |
| L | A | O | S | | G | | K | Y | R | | M | | A | G | A | | T | | | A | | G |
| E | | D | | G | Ü | R | | M | Y | D | A | R | | E | | H | U | M | | G | | I |
| M | I | | A | | Z | A | T | | P | A | K | G | A | R | Ç | A | K | | E | M | A | Ý |
| E | G | I | N | L | E | K | | B | | L | E | B | | D | | S | A | M | O | A | | A |
| | E | R | T | I | R | | K | U | B | | T | | M | E | G | A | T | O | N | N | A | |

### 9-njy skanwordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | S | | N | | S | | O | N | E | K | O | T | A | N |
| G | Ü | L | Ä | L | E | K | | | G | | R | | W | |
| | R | | H | | U | | I | Ç | I | | A | P | A | T |
| B | I | M | A | M | L | A | | A | N | G | K | O | R | |
| | | E | K | E | | R | | L | | Ä | | M | A | Ý |
| B | | D | | S | A | G | R | Y | | M | | A | | A |
| O | N | I | K | S | | A | | Ş | P | I | N | D | E | L |
| L | | N | | I | B | M | | M | A | | Ý | A | G | Y |
| E | L | E | K | | R | A | | A | M | B | U | | R | |
| R | | | I | T | A | K | A | | Y | | T | M | I | N |
| O | D | U | N | | U | | M | O | K | K | O | | | Y |
| | I | | K | I | N | S | A | | G | Ü | N | D | I | Z |
| A | N | J | A | R | | T | L | | A | R | | O | R | A |
| | G | | Ž | I | R | A | F | | L | E | L | L | I | M |
| D | O | N | U | Ň | | R | I | M | A | K | | Y | S | Y |



Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# 21-nji DÜNÝÄ ÇEMPIONATY GEÇIRILDI

**Polşanyň Torun şäherinde ýeňil atletika boýunça üsti ýapyk desgada Dünýä çempionaty geçirildi. 21-nji gezek geçirilen çempionata 118 ýurtdan 674 türgen gatnaşdy. 3 günde tamamlanan çempionatyň medal sanawynda amerikaly ýeňil atletikaçylar birinjiligi eýelediler. Olar 5 altyn, 7 kümüş, 6 bürünç, jemi 18 medal gazandylar. Beýik Britaniýadan gatnaşan türgenler diňe 4 altyn medal gazanyp, 2-nji ýeri eýelediler. 3 altyn, 2 kümüş, jemi 5 medal gazanan italýanlar 3-nji orna mynasyp boldy. Bäsleşigiň dowamynda 2 Dünýä rekordy, 5 sany-da çempionatyň, şeýle-de birnäçe milli rekordlar goýuldy.**



60 metr ylgawda erkekleriň arasynda amerikaly Jordan Antoni, zenanlardan italiýaly Zaýnab Dosso ýeňiş gazandy. 400 metre ylgamakda erkekleriň arasynda kanadaly Kristofer Morales Williams 44,76 sekuntda pellehana gelip, çempionatyň rekordyny täzeledi. 400 metr ylgawda zenanlaryň arasynda çehiýaly Lurdes Gloriýa Manuel altyn, polşaly Nataliýa Bukowieçka kümüş, niderland Lieke Klawer bürünç medal gazandy. 800 metr ylgawda erkekleriň arasynda 17 ýaşyndaky amerikaly türgenKuper Lutkenhausa taý tapylmady. Zenanlarda bolsa britaniýaly meşhur türgen, Olimpiýa çempiony Kili Hojkinson 1 minut 55,30 sekuntlyk görkeziji bilen çempionatyň rekordyny goýdy. Bu onuň üsti ýapyk desgadaky Dünýä çempionaty ýaryşlarynda gazanan ilkinji altyn medaly boldy.

1500 metre ylgamakda-da zenanlaryň arasyndaky çempion Beýik Britaniýanyň wekili Jorjia Hanter Bell bolup, awstraliýaly Jessika Hall hem-de amerikaly Nikki Hiltsi yzda galdyrdy. Erkekleriň arasynda ispaniýaly Mariano Garsiýa münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy.



3000 metre ylgamakda britaniýaly Joş Kerr 2024-nji ýyldan soň, 2-nji gezek Dünýäniň çempiony bolmagy başardy. Zenanlaryň arasynda italiýaly Nadiýa Battokletti altyn medala mynasyp boldy. Päsgelçilikli 60 metr ylgaw ýaryşynda erkekleriň arasynda Ýakub Şimanski öňe saýlandy. Zenanlaryň arasynda bolsa Bahamalaryň meşhur ýeňil atletikaçysy Dewinne Çarlton bassyr 3-nji altyn medalyny gazandy. 30 ýaşyndaky türgen 7,65 sekuntda pellehana gelip, bu gezekki çempionlygynyň üstüni Dünýä rekordy bilen ýetirdi. Ol Niderlandlardan Nadine Wisser hem-de Polşadan Pia Skryşowskadan öňe geçdi.

Toparlaýyn 4x400 metr estafeta ylgaw ýaryşlarynda erkeklerde-de, zenanlarda-da ABŞ-nyň ýeňil atletikaçylaryna taý tapylmady. Erkekleriň arasyndaky ýaryşda amerikanlar 3 minut 1,52 sekuntlyk görkeziji bilen çempionatyň rekordyny täzelediler.

Beýiklige bökmekde hem erkekleriň, hem-de zenanlaryň arasynda altyn medaly ukrainaly türgenler gazandy. Erkekleriň arasyndaky Oleg Doroşçuk 2,30 metr beýige böküp, ýeňiji boldy. Zenanlaryň arasynda bu ugruň ägirdi, Olimpiýa çempiony, Dünýä rekordynyň eýesi Ýaroslawa Maguçih 4 ýyldan soň 2-nji çempionlygyny baýram etdi. Ol 2,01 metr beýige bökmegi başardy. 1,99 metr beýige böken serbiýaly Angelina Topiç, awstraliýaly Nikola Olislagers, ukrainaly Ýuliýa Lewçenko üçüsi kümüş medaly paýlaşdylar.




Syrykly bökmekde erkekleriň arasynda garaşylyşy ýaly, ýene-de şwesiýaly Armand Duplantis ýeňiji boldy. Ol 6,25 metr beýige böküp, çempionatyň rekordyny täzelemegi başardy. Zenanlaryň arasynda bolsa britaniýaly Molli Koderi 2024-nji ýyldan soň 2-nji altyn medalyny boýnuna dakdy.







Uzynlygyna bökmekde hem erkekleriň, hem-de zenanlaryň arasynda portugaliýaly türgenler öňe saýlandy. Erkeklerden Gerson Balde, zenanlardan Agate de Souza altyn medala mynasyp boldy. Italiýaly Mattia Furlani bilen Larissa Ýapiçino bolsa kümüş medal gazandylar.

Üçürdikläp bökmekde erkeklerden italiýaly Endi Diaz (17,47 metr), zenanlardan kubaly Leýanis Peres (14,95 metr) münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Peres geçen ýylam çempion bolupdy. Bu ugurda Dünýä rekordynyň eýesi, Olimpiýa çempiony, üsti ýapyk desgada 3 gezek Dünýäniň çempiony, wenesuelaly Ýulimar Rohas bu sapar kümüş medal bilen kanagatlanmaly boldy.

Gülle iteklemek boýunça erkekleriň arasynda Täze Zelandiýanyň türgeni Tom Wolş bassyr 2-nji, umumylykda 4-nji altyn medalyny gazandy. Ol gülläni amerikaly Jordan Geistden hem-de Rojer Stinden has uzaga oklamagy başardy. Zenanlaryň arasynda amerikaly Çeýz Jäkson ahyry altyn medala ýetdi. Onuň 1 kümüş, 2 bürünç medaly bardy. Köp görnüşli ýeňil atletika ýaryşynda, ýagny erkekleriň arasyndaky heptatlonda (7 görnüşli) şweýsariýaly Simon Ehammer 6670 utuk toplap, Dünýä rekordyny täzeledi. Zenanlaryň arasynda pentatlonda (5 görnüşli) Niderlandlardan Sofie Dokter altyn, amerikaly Anna Holl kümüş, irlandiýaly Keýt O'Konnor bürünç medala mynasyp boldy.

Garyşyk 4x400 metr estafeta ylgaw ýaryşynda ispaniýaly ýeňil atletikaçylar 3 minut 15,60 sekuntda pellehana gelip, çempionatyň rekordyny täzelediler.

Çempionat 2028-nji ýylda Hindistanyň Bhubaneswar şäherinde, 2030-njy ýylda bolsa Gazagystanyň paýtagty Astanada geçiriler.

## «Mançester Sitiniň» 37-nji, Guardiolanyň 40-njy kubogy

Angliýanyň Liga Kubogy (EFL Cup) ýaryşynyň finalynda «Arsenal» bilen «Mançester Siti» toparlary duşuşdy. Londondaky meşhur «Wembley» stadionynda geçirilen oýnuň 1-nji ýarymy golsuz tamamlandy. 2-nji ýarymda has erjel oýun görkezen «Mançester Siti» topary 2–0 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Şäherlilere ýeňiş getiren gollaryň ikisini hem Niko O'Raýli geçirdi. Ol 60-njy we 64-nji minutlarda tapawutlandy. Ol Zlatan Ibrahimowiçden soň, 2017-nji ýyldan bäri bu ýaryşyň finalynda dubl eden ilkinji futbolçy boldy.



Şunlukda, «Mançester Siti» 9-njy gezek bu kubogy gazanmagy başardy. «Mançester Siti» bu ugurda «Liwerpuldan» 1 kubok az 2-nji orny eýeleýär.

**«Mançester Sitidäki» 19-njy kubogy**

Bu ýaryşyň finalynda ýarym asyrdan gowrak wagtdan soň APL-de 1–2-nji orunlarda barýan klublar duşuşyp, Pep Guardiola «Mançester Siti» bilen 19-njy, karýerasy boýunça-da 40-njy kubogyny asmana göterdi. Ispaniýaly hünärmen iň köp kubok gazanan tälimçileriň sanawynda Aleks Fergusondan soň 2-nji ýerde barýar. Pep bu kubogy 5 gezek gazanan ilkinji tälimçi bolup, şäherliler 2018–2021-nji ýyllar aralygynda Guardiolanyň ýolbaşçylygynda bu kubogy yzly-yzyna 4 sapar eýeläpdiler. Şeýle-de, bu ýeňiş «Mançester Sitiniň» taryhyndaky 2-nji liganyň 7 çempionlygyny goşmanyňda, 37-nji kubok hökmünde hasaba alyndy (19-sy Guardiolanyň tälimçiliginde).



**Bu kubogy 33 ýyl bäri gazanmak başardanok**

Iňlis metbugatynda «Arsenalyň» möwsümi 4 kubok bilen tamamlamak mümkinçiligi barada bellenilýärdi. Ilkinji säwligini goýberip, taryhy statistika ýetmek mümkinçiligini elden gideren «Arsenala» Angliýanyň Liga Kubogyny 33 ýyl bäri gazanmak başardanok. Topçular bu kubogy bary-ýogy 2 gezek — 1987-nji hem-de 1993-nji ýyllarda gazanypdylar. «Arsenal» soňky gezegem bu kubogyň finalynda 2018-nji ýylda «Mançester Sitiden» 3–0 asgyn gelipdi. Şeýle-de, Mikel Arteta «Wembley»-de ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Ol mundan öň bu ýerde futbol oýnan ýyllarynda hem-de tälimçilikde ýeňilmändi.

## «Barselona» ilkinji topar boldy

Ispaniýanyň çempionatynda «Barselona» öz meýdançasynda «Raýo Wallekanodan» iň kiçi hasap bilen üstün çykdy. Katalonlara ýeňiş getiren ýeke-täk goly 24-nji minutda Ronald Arauho derwezä girizdi. Bu ýeňişden soň «Barselona» utugyny 73-e çykaryp, çempionaty ilkinji 4 orunda tamamlamaga hukuk gazandy we UEFA Çempionlar Ligasynyň täze möwsüminde ýaryşa gatnaşjak 36 klubuň ilkinjisi bolmagy başardy. «La Ligada» 29-njy tapgyryň iň esasy oýnunda, Madrid derbisinde «Real» «Bernabeu» stadionynda «Atletikony» 3-2 hasabynda utdy. Lukmanyň 33-nji minutdaky goly bilen öňe geçen myhmanlara ýer eýeleri 52-nji minutda Winisiusyň 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly esasynda jogap berdi. Hatda «Real» 55-nji minutda Walwerdeniň goly bilen öňe hem geçdi. Ýöne 66-njy minutda Molina uzakdan jaýdar urgy bilen hasaby deňledi. 72-nji minutda Winisius Junior 2-nji gezek tapawutlanyp, oýna soňky nokady goýdy. Duşuşygyň 77-nji minutynda emin tarapyndan gyzyl kart görkezilen Walwerde meýdançadan çykaryldy. «Real Madrid» «Atletikony» 4 ýyldan soň ýeňmegi başardy. «Wilýarreal» öz meýdançasynda «Real Sosiedady» ilkinji ýarym sagat dolmanka Morenonyň, Mikautadzeniň hem-de Pepeniň geçiren gollary bilen 3-1 hasabynda utup, 3-nji orna beýgeldi. 4 goluň geçirilen oýnunda «Selta» öz meýdançasynda «Alawesi» kabul edip, 1-nji ýarymda 3-0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne 2-nji ýarymda «Alawes» başgaça oýun görkezip, 4-3 hasabynda ýeňşini baýram etdi.






### PREMIER LEAGUE (31) — 22 gol

**Bornmut—M. Ýunaýted: 2–2** (Kristi 67, Krupi 81 p — Bruno Fernandeş 61 p, Hill 71 ö.d.), **Braýton—Liwerpul: 2–1** (Welbek 14, 56 — Kerkez 30), **Fulham—Börnli: 3–1** (King 67, Wilson 73, Himenes 90+5 p — Flemming 60), **Ewerton—Çelsi: 3–0** (Beto 33, 62, Ndiaý 76), **Lids—Brentford: 0–0, Nýukasl—Sanderland: 1–2** (Gordon 10 — Talbi 57, Brobbi 90), **Aston Willa—West Ham: 2–0** (MakGinn 15, Watkins 68), **Tottenham—N. Forest: 0–3** (Žesus 45, Gibbs-Waýt 62, Awonýi 87), **M. Siti—K. Palas**

### LA LIGA (29) — 28 gol

**Wilýarreal—R. Sosiedad: 3–1**(Moreno 7, Mikautadze 15, Pepe 23 — Suçiç 47), **Elçe—Malýorka: 2–1** (Rafa Mir 62, Morente 71 — Pablo Torre 58), **Espanýol—Hetafe: 1–2** (Fernandes 68 – Duarte 45+3, Arambarri 45+7), **Lewante—Owiedo: 4–2** (Espi 4, 5, Losada 52, Romero 90+3 — Çaýra 44, Winýas 45+3 p), **Osasuna—Žirona: 1–0** (Budimir 80), **Sewilýa—Walensiýa: 0–2** (Duro 38, Ramazani 45+5), **Barselona—R. Wallekano: 1–0** (Arauho 24), **Selta—Alawes: 3–4** (Žutgla 19, 37, Alwares 27 — Martines 45+3, 74, Peres 50, Rebbaş 78), **Atletik—Betis: 2–1** (Wiwian 25, Sanset 45 — Fornals 75), **Real Madrid—Atletiko: 3–2** (Winisius 52 p, 72, Walwerde 55 — Lukman 33, Molina 66)

### SERIE A (30) — 21 gol

**Kaliari—Napoli: 0–1** (MakTomineý 2), **Jenoa—Udineze: 0–2** (Ekkelankamp 66, Dewis 90+6), **Parma—Kremoneze: 0–2** (Maleh 54, Wandeputte 68), **Milan—Torino: 3–2** (Pawlowiç 36, Rabio 54, Fofana 56 — Simeone 44, Wlaşiç 82 p), **Ýuwentus—Sassuolo: 1–1** (Ýyldyz 14 — Pinamonti 52), **Komo—Pisa: 5–0** (Diao 7, Duwikas 29, Baturina 48, Paz 75, Perrone 81), **Atalanta—Werona: 1–0** (Zappakosta 37), **Bolonýa—Lasio: 0–2** (Teýlor 72, 82), **Roma—Leççe: 1–0** (Waz 57), **Fiorentina—Inter: 1–1** (Ndur 77 — Espozito 1)

### BUNDESLIGA (27) — 40 gol

**Leipsig—Hoffenhaým: 5–0** (Gruda 17, 44, Baumgartner 21, 30, Henriks 78), **Haýdenhaým—Baýer: 3–3** (Berens 56, Piringer 72 p, 85 — Tillman 22, Şik 35, 79), **Köln—Borussiýa M: 3–3** (El Mala 4, Ahe 7, Martel 84 — Kastrop 1, 60, Sander 20), **Wolfsburg—Werder: 0–1** (Nžinma 68), **Bawariýa—Union Berlin: 4–0** (Olise 43, Gnabri 45+1, 67, Keýn 49), **Borussiýa D—Hamburg: 3–2** (Bensebaini 73 p, 84 p, Girassi 78 — Otele 19, Sambi Lokonga 38), **Maýns—Aýntraht: 2–1** (Nebel 6, 89 — Braun 20), **Sankt-Pauli—Fraýburg: 1–2** (Sinani 24 — Matanowiç 65, 78), **Augsburg—Ştutgart: 2–5** (Rider 57, Kade 71 — Undaw 12, 58, Tomaş 29, Narti 31, Demirowiç 83)

### LIGUE 1 (27) — 30 gol

**Lans—Anže: 5–1** (Towen 13, Eduar 25, 48, Sangare 39, Udol 72 — Maşin 62), **Tuluza—Loriýan: 1–0** (Emersonn 82), **Oser—Brest: 3–0** (Oko 24, 58, Namasa 70), **Nissa—PSŽ: 0–4** (Mendeş 42 p, Due 49, Dro Fernandes 81, Zair-Emeri 86), **Lion—Monako: 1–2** (Şuls 42 — Akliuş 62, Balogan 72 p), **Marsel—Lill: 1–2** (Nwaneri 43 – Mýonýe 49, Žiru 86), **Renn—Mets: 0–0, Pariž—LeHawr: 3–2** (Immobile 29, Seko 33 ö.d., Gori 86 — Ndiaý 61, Keremi 90+3), **Nant—Strasbur: 2–3** (Tabibu 6, Ablin 53 — Oýedele 45+2, Paniçelli 78, 90+2)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 31 | 21 | 7 | 3 | 61-22 | 70 |
| 2 | MAN. SITI | 30 | 18 | 7 | 5 | 60-28 | 61 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 31 | 15 | 10 | 6 | 56-43 | 55 |
| 4 | ASTON WILLA | 31 | 16 | 6 | 9 | 42-37 | 54 |
| 5 | LIWERPUL | 31 | 14 | 7 | 10 | 50-42 | 49 |
| 6 | ÇELSI | 31 | 13 | 9 | 9 | 53-38 | 48 |
| 7 | BRENTFORD | 31 | 13 | 7 | 11 | 46-42 | 46 |
| 8 | EWERTON | 31 | 13 | 7 | 11 | 37-35 | 46 |
| 9 | FULHAM | 31 | 13 | 5 | 13 | 43-44 | 44 |
| 10 | BRAÝTON | 31 | 11 | 10 | 10 | 41-37 | 43 |
| 11 | SANDERLAND | 31 | 11 | 10 | 10 | 32-36 | 43 |
| 12 | NÝUKASL | 31 | 12 | 6 | 13 | 44-45 | 42 |
| 13 | BORNMUT | 31 | 9 | 15 | 7 | 46-48 | 42 |
| 14 | KRISTAL PALAS | 30 | 10 | 9 | 11 | 33-35 | 39 |
| 15 | LIDS | 31 | 7 | 12 | 12 | 37-48 | 33 |
| 16 | N. FOREST | 31 | 8 | 8 | 15 | 31-43 | 32 |
| 17 | TOTTENHAM | 31 | 7 | 9 | 15 | 40-50 | 30 |
| 18 | WEST HAM | 31 | 7 | 8 | 16 | 36-57 | 29 |
| 19 | BÖRNLI | 31 | 4 | 8 | 19 | 33-61 | 20 |
| 20 | W. HEMPTON | 31 | 3 | 8 | 20 | 24-54 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 22 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 19 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Man. Siti) | 15 |
| 4 | Žoao PEDRO (Çelsi) | 14 |
| 5 | Danni WELBEK (Braýton) | 12 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 29 | 24 | 1 | 4 | 78-28 | 73 |
| 2 | REAL MADRID | 29 | 22 | 3 | 4 | 63-26 | 69 |
| 3 | WILÝARREAL | 29 | 18 | 4 | 7 | 54-34 | 58 |
| 4 | ATLETIKO M | 29 | 17 | 6 | 6 | 49-28 | 57 |
| 5 | BETIS | 29 | 11 | 11 | 7 | 44-37 | 44 |
| 6 | SELTA | 29 | 10 | 11 | 8 | 41-35 | 41 |
| 7 | R. SOSIEDAD | 29 | 10 | 8 | 11 | 44-45 | 38 |
| 8 | HETAFE | 29 | 11 | 5 | 13 | 25-31 | 38 |
| 9 | ATLETIK B | 29 | 11 | 5 | 13 | 32-41 | 38 |
| 10 | ESPANÝOL | 29 | 10 | 7 | 12 | 36-44 | 37 |
| 11 | OSASUNA | 29 | 10 | 7 | 12 | 34-35 | 37 |
| 12 | WALENSIÝA | 29 | 9 | 8 | 12 | 32-42 | 35 |
| 13 | ŽIRONA | 29 | 8 | 10 | 11 | 31-44 | 34 |
| 14 | R. WALLEKANO | 29 | 7 | 11 | 11 | 28-35 | 32 |
| 15 | SEWILÝA | 29 | 8 | 7 | 14 | 37-49 | 31 |
| 16 | ALAWES | 29 | 8 | 7 | 14 | 30-41 | 31 |
| 17 | ELÇE | 29 | 6 | 11 | 12 | 38-46 | 29 |
| 18 | MALÝORKA | 29 | 7 | 7 | 15 | 34-47 | 28 |
| 19 | LEWANTE | 29 | 6 | 8 | 15 | 34-48 | 26 |
| 20 | OWIEDO | 29 | 4 | 9 | 16 | 20-48 | 21 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 23 |
| 2 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 18 |
| 3 | Lamin ÝAMAL (Barselona) | 14 |
| 4 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 14 |
| 5 | Ferran TORRES (Barselona) | 12 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 30 | 22 | 3 | 5 | 66-24 | 69 |
| 2 | MILAN | 30 | 18 | 9 | 3 | 47-23 | 63 |
| 3 | NAPOLI | 30 | 19 | 5 | 6 | 46-30 | 62 |
| 4 | KOMO | 30 | 16 | 9 | 5 | 53-22 | 57 |
| 5 | ÝUWENTUS | 30 | 15 | 9 | 6 | 52-29 | 54 |
| 6 | ROMA | 30 | 17 | 3 | 10 | 40-23 | 54 |
| 7 | ATALANTA | 30 | 13 | 11 | 6 | 41-27 | 50 |
| 8 | LASIO | 30 | 11 | 10 | 9 | 31-28 | 43 |
| 9 | BOLONÝA | 30 | 12 | 6 | 12 | 38-36 | 42 |
| 10 | SASSUOLO | 30 | 11 | 6 | 13 | 36-40 | 39 |
| 11 | UDINEZE | 30 | 11 | 6 | 13 | 35-42 | 39 |
| 12 | PARMA | 30 | 8 | 10 | 12 | 21-38 | 34 |
| 13 | JENOA | 30 | 8 | 9 | 13 | 36-42 | 33 |
| 14 | TORINO | 30 | 9 | 6 | 15 | 34-53 | 33 |
| 15 | KALIARI | 30 | 7 | 9 | 14 | 31-42 | 30 |
| 16 | FIORENTINA | 30 | 6 | 11 | 13 | 35-44 | 29 |
| 17 | KREMONEZE | 30 | 6 | 9 | 15 | 25-44 | 27 |
| 18 | LEÇÇE | 30 | 7 | 6 | 17 | 21-40 | 27 |
| 19 | PISA | 30 | 3 | 9 | 18 | 22-52 | 18 |
| 20 | WERONA | 30 | 2 | 12 | 16 | 23-54 | 18 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 14 |
| 2 | Anastasios DUWIKAS (Komo) | 11 |
| 3 | Kenan ÝYLDYZ (Ýuwentus) | 10 |
| 4 | Rasmus HÝOÝLUNN (Napoli) | 10 |
| 5 | Niko PAZ (Komo) | 10 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 27 | 22 | 4 | 1 | 97-25 | 70 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 27 | 18 | 7 | 2 | 58-28 | 61 |
| 3 | ŞTUTGART | 27 | 16 | 5 | 6 | 56-36 | 53 |
| 4 | LEIPSIG | 27 | 15 | 5 | 7 | 53-35 | 50 |
| 5 | HOFFENHAÝM | 27 | 15 | 5 | 7 | 54-39 | 50 |
| 6 | BAÝER | 27 | 13 | 7 | 7 | 52-36 | 46 |
| 7 | AÝNTRAHT | 27 | 10 | 8 | 9 | 50-51 | 38 |
| 8 | FRAÝBURG | 27 | 10 | 7 | 10 | 39-44 | 37 |
| 9 | UNION BERLIN | 27 | 8 | 7 | 12 | 31-46 | 31 |
| 10 | AUGSBURG | 27 | 9 | 4 | 14 | 33-50 | 31 |
| 11 | MAÝNS | 27 | 7 | 9 | 11 | 33-42 | 30 |
| 12 | HAMBURG | 27 | 7 | 9 | 11 | 31-40 | 30 |
| 13 | BORUSSIÝA M | 27 | 7 | 8 | 12 | 33-46 | 29 |
| 14 | WERDER | 27 | 7 | 7 | 13 | 30-47 | 28 |
| 15 | KÖLN | 27 | 6 | 8 | 13 | 38-47 | 26 |
| 16 | SANKT-PAULI | 27 | 6 | 6 | 15 | 24-44 | 24 |
| 17 | WOLFSBURG | 27 | 5 | 6 | 16 | 35-57 | 21 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 27 | 3 | 6 | 18 | 27-61 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 31 |
| 2 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 18 |
| 3 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 15 |
| 4 | Serhu GIRASSI (Borussiýa D) | 13 |
| 5 | Kristof BAUMGARTNER (Leipsig) | 12 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 26 | 19 | 3 | 4 | 58-22 | 60 |
| 2 | LANS | 27 | 19 | 2 | 6 | 54-24 | 59 |
| 3 | MARSEL | 27 | 15 | 4 | 8 | 54-35 | 49 |
| 4 | LION | 27 | 14 | 5 | 8 | 41-29 | 47 |
| 5 | LILL | 27 | 14 | 5 | 8 | 42-34 | 47 |
| 6 | MONAKO | 27 | 14 | 4 | 9 | 47-38 | 46 |
| 7 | RENN | 27 | 12 | 8 | 7 | 43-37 | 44 |
| 8 | STRASBUR | 27 | 11 | 7 | 9 | 43-33 | 40 |
| 9 | TULUZA | 27 | 10 | 7 | 10 | 38-32 | 37 |
| 10 | LORIÝAN | 27 | 9 | 10 | 8 | 37-41 | 37 |
| 11 | BREST | 27 | 10 | 6 | 11 | 34-39 | 36 |
| 12 | ANŽE | 27 | 9 | 5 | 13 | 24-37 | 32 |
| 13 | PARIŽ | 27 | 7 | 10 | 10 | 32-43 | 31 |
| 14 | LE HAWR | 27 | 6 | 9 | 12 | 22-35 | 27 |
| 15 | NISSA | 27 | 7 | 6 | 14 | 32-52 | 27 |
| 16 | OSER | 27 | 5 | 7 | 15 | 22-36 | 22 |
| 17 | NANT | 26 | 4 | 5 | 17 | 24-45 | 17 |
| 18 | METS | 27 | 3 | 5 | 19 | 25-60 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 16 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 15 |
| 3 | Esteban LEPOL (Renn) | 14 |
| 4 | Odsonn EDUAR (Lans) | 12 |
| 5 | Bredi BARKOLA (PSŽ) | 10 |

## Diňe bir bäsleşik galdy

**«Monuments» welosport ýol ýaryşlarynyň möwsümdäki ilkinji duralgasy bolan Milan – San Remo bäsleşiginde sloweniýaly Tadeý Pogaçar ýeňiş gazandy. «UAE Team Emirates XRG» toparynyň türgeni 117-nji gezek geçirilen bir günlük bu ýaryşda 298 kilometr aralygy 6 sagat 35 minut 49 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu Pogaçaryň Milan – San Remo bäsleşigindäki ilkinji üstünligi bolup, ol «Monuments» ýaryşlarynyň 4-sinde ýeňiş gazanmagyň hötdesinden geldi. Ol «Tour of Flanders» (2023, 2025), Liež – Bastonýa – Liež (2021, 2024, 2025), «Giro Di Lombardia» (2021, 2022, 2023, 2024, 2025) ýaryşlarynda ýeňiş gazanyp, häzirlikçe diňe Pariž – Rube bäsleşiginde pellehana hemmeden öň gelmek başartmady.**




## 2-nji ýaryşda 2-nji ýeňşi

Moto GP boýunça möwsümiň 2-nji ýaryşy Braziliýanyň Goýaniýa şäherindäki Aýrton Sennanyň adyny göterýän halkara trassada geçirildi. Soňky 22 ýylda Braziliýada geçirilen ilkinji Moto GP ýaryşynda «Aprilia Racing» toparynyň italýan sürüjisi Marko Bezzekki ýeňiji boldy. Ol 23 aýlawdan ybarat bolan ýaryşy 30 minut 19,760 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 2-nji ýeňşini gazandy. Möwsümiň 1-nji ýaryşy Tailand «Gran Prisinde-de» ýeňiş gazanan Bezzekki karýerasy boýunça 8-nji ýeňşini baýram etdi.




Ýaryşda Bezzekkiniň ispaniýaly topardaşy Horge Martin ýeňijiden 3,231 sekunt yza galyp, 2-nji ýeri eýeledi. Münberiň 3-nji basgançagyna «Pertamina Enduro VR46 Racing» toparynyň italýan sürüjisi Fabio Di Jannantonio çykyp, ol ýeňijiden 3,78 sekunt soň pellehana geldi. Ol ýaryşa ilkinji hatardan bat alypdy. Geçen möwsümiň çempiony Mark Markes 4-nji ýeri eýeläp, ilkinji utuklaryny gazandy.

Geçirilen 2 ýaryşdan soň Bezzekki 56 utuk bilen sanawyň başyny çekip gelýär. 2-nji ýerdäki Horge Martiniň 45, 3-nji orundaky Pedro Akostanyň 42 utugy bar.

Möwsümiň 3-nji ýaryşy Amerika «Gran Prisi» 29-njy martda ABŞ-nyň Tehas ştatynyň Ostin şäherinde geçiriler.

## Çempionlyk ugrunda göreş dowam edýär

**Angliýanyň çempionatynda** soňky çempion «Liwerpul» myhmançylykda «Braýtondan» 2–1 hasabynda asgyn geldi. «Braýtona» ýeňiş getiren gollaryň 2-sini hem Denni Welbek derwezä girizdi. Ilkinji 4 orun ugrunda göreş alyp barýan «Mançester Ýunaýted» myhmançylykda «Bornmut» bilen duşuşyp, 2 gezek öňe geçendigine garamazdan, meýdançany deňlik bilen terk etdi. «Ewerton» yzygiderli ýeňiş gazanmakda kynçylyk çekýän «Çelsini» öz meýdançasynda Betonyň (2) hem-de Ndiaýyň gollary esasynda 3–0 hasabynda utdy. «Aston Willa» öz meýdançasynda «West Hamy» MakGinniň hem-de Watkinsiň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Öz meýdançasynda «Nottingam Forestden» 3–0 hasabynda utulan «Tottenham» 17-nji orna düşdi.




**Italiýanyň çempionatynda** 30-njy tapgyrda sanawyň lideri «Inter» myhmançylykda «Fiorentina» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Entek 1-nji minutda Espozitonyň goly bilen öňe geçen «Interiň» derwezesinden deňlik goluny 77-nji minutda Ndur derwezä girizdi. «Milan» bolsa öz meýdançasynda Pawlowiçiň, Rabionyň hem-de Fofananyň gollary esasynda «Torinony» 3-2 hasabynda ýeňip, aratapawudy 6 utuga düşürdi. 4-6-njy aprelde geçiriljek 31-nji tapgyrdaky «Inter»—«Roma», «Napoli»—«Milan» duşuşyklary çempionlygyň ykbalyny kesgitlär. Soňky çempion «Napoli» myhmançylykda «Kaliarini» MakTomineýiň 2-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Şol hasap bilen «Roma» hem «Leççeden» üstün çykyp, rimlileriň ýeke-täk goluny täze transfer Waz öz adyna ýazdyrdy. Öz meýdançasynda «Pisa» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizen 4-nji ýerdäki «Komo» topary 7 oýundan bäri ýeňilmän gelýär. «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Sassuolo» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnap, duşuşykda turinlileriň ýarymgoragçysy Lokatelli oýnuň ahyrlarynda 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmedi.



**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Bawariýa» öz meýdançasynda «Union Berlini» Oliseniň (43), Gnabriniň(45+1, 67) hem-de Keýniň (49) gollary bilen 4–0 hasabynda utdy. Münhenlileriň «Bundesligada» şu möwsümde geçiren gollarynyň sany 97-ä ýetip, olar özlerine degişli bir möwsümde geçiren 103 golluk rekordlaryna golaýladylar. Dortmundyň «Borussiýasy» öz meýdançasynda «Hamburg» bilen duşuşyp, 1-nji ýarymda ýer eýeleri 2 gol geçirtdi. Ýöne 2-nji ýarymda «Borussiýa» özüni dürsäp, Bensebaininiň 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren 2 goly hem-de Girassiniň takyk urgusy bilen 3-2 hasabynda ýeňiş gazanmagyň hötdesinden geldi. Duşuşygyň 45-nji minutynda dortmundlylaryň ýaş oýunçysy Nmeçanyň 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmändigini hem belläliň. 3-nji ýerdäki «Ştutgart» myhmançylykda «Augsburgy» 5–2 hasabynda ýeňip, oýunda Deniz Undaw 2 goly öz adyna ýazdyrdy. «Leipsig» hem öz meýdançasynda «Hoffenhaýmy» 5–0 hasabynda ýeňip, oýunda Gruda bilen Baumgartneriň hersi 2 gezek tapawutlandy.



**Fransiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri PSŽ myhmançylykda «Nissa» toparynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi. Gollary Mendeş (42 p), Due (49), Dro Fernandes (81) hem-de Zair-Emeri (86) geçirdi. 2-nji ýerde barýan «Lans» topary-da öz meýdançasynda «Anženi» 5-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda Eduar 2 gezek tapawutlandy. Tapgyryň esasy duşuşygynda myhmançylykdaky klublar 2–1 hasabynda ýeňiş gazandylar. Ýagny «Monako» «Liondan», «Lill» bolsa «Marselden» 2–1 hasabynda üstün çykdy. «Monakonyň» gollaryny Akliuş bilen Balogan, «Lilliň» gollaryny tejribeli futbolçylardan Tomas Mýonýe bilen Oliwie Žiru öz atlaryna ýazdyrdylar. «Strasburyň» myhmançylykda «Nanty» 3-2 hasap bilen ýeňen duşuşygynda 2 gezek tapawutlanan Hoakin Paniçelli iň köp gol geçirenleriň sanawynda 1-nji orna beýgeldi.



Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# UEFA-nyň ýaryşlarynda çärýek final duşuşyklary

Iki möwsümden bäri liga görnüşli geçirilýän UEFA-nyň klub ýaryşlarynyň 3-sine – Çempionlar, Ýewropa, Konferensiýa Ligalaryna jemi 108 topar (hersine 36 klub) gatnaşýar. Şol bäsleşikleriň ikisiniň liga tapgyrynyň duşuşyklary sentýabr aýynda başlap, ýanwar aýynda tamamlanýar. Konferensiýa Ligasynda



6 duşuşyk bolup, ol dekabr aýynda jemlenýär. Çempionlar hem-de Ýewropa Ligalarynda bolsa 7–8-nji duşuşyklar ýanwar aýyna galýar. Aslynda sanawy ilkinji 16 orunda tamamlan toparlar ýaryşy dowam etmeli. Ýöne UEFA bäsleşiklerini hasam gyzykly hala getirmek üçin 17–24-nji orunda tamamlan toparlara-da pleý-off tapgyrynyň üsti bilen 1/8 finala çykmak mümkinçiligi berilýär. Başgaça aýdylanda, fewral aýynda-da kiçeňräk 2 tapgyrly bäsleşik geçirilýär.

Häzirki wagtda 108 klub bilen başlanan ýaryşlarda 24 klub galdy. Ýaryş bilen hoşlaşan klublaryň 36-syy liga tapgyryndan soň, 24-si pleý-off, ýene 24-si 1/8 final duşuşyklarynyň netijesinde öýlerine dolandylar.

**Iňlisler 9 klub bilen başlapdy**

● Bilşiňiz ýaly, UEFA-nyň ýaryşlaryna her ýurduň näçe klub iberjekdigini aýratyn koeffisenti bolup, şu möwsüm taryhda 2-nji gezek bir döwletden 9 klub gatnaşdy. «Tottenhamyň» Ýewropa Ligasyny gazanmagy, UEFA-nyň koeffisentleri boýunça-



da Angliýadan 5-nji klubuň goşulmagy bilen «Premier Ligadan» 6 klub Çempionlar Ligasyna adyny ýazdyrdy. Ýewropa Ligasyna 2, Konferensiýa Ligasyna bolsa 1 klub ugradan Angliýanyň 9 topary şu möwsümde UEFA-nyň ýaryşlarynda çykyş etdi.

Mundan öň 1997/98 möwsüminde Fransiýanyň 10 kluby şol wagtky UEFA-nyň ýaryşlaryna wekilçilik edipdi. PSŽ bilen «Monako» Çempionlar Ligasyna gatnaşsa, «Nant», «Bordo», «Mets», «Strasbur», şol sanda Intertoto Kubogynyň ýeňijileri hökmünde «Oser», «Bastiýa», «Lion» klublary UEFA Kubogynda, «Nissa» topary-da Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynda çykyş edipdi. Hatda Intertoto Kubogyna «Monpelie» kluby hem gatnaşyp, ol «Lion» klubundan asgyn gelipdi. Ýeri gelende bellesek, Intertoto Kubogy 1960-njy ýyllarda geçirilip başlanan halkara ýaryş bolup, ol 1994-nji ýyla çenli sebitleýin görnüşde guralýar. 1995-2008-nji ýyllar aralygynda UEFA Intertoto ady bilen geçirilip, ýaryşyň ýeňijileri – 3 sany finalda ýeňiş gazanan toparlar şol wagtky UEFA Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazanýardy. Intertoto Kubogyna UEFA-nyň esasy 3 ýaryşyna gatnaşyp bilmän galýan klublar wekilçilik edýärdi. UEFA-nyň garamagynda geçirilen ýyllarda (1995–2008) iň köp fransuz klublary ýeňiji bolýar. Fransiýanyň 12 kluby hersi 1 gezek çempionlyk gazanýar. Bu ýaryşda iň köp çempionlyk gazanan toparlar hökmünde «Wilýarreal», «Hamburg», «Ştutgart», «Şalke» klublaryny görkezmek bolar. Olaryň hersi 2 gezek ýeňiji boldy.

**Şu möwsümde 5 gezek duşuşdylar**

● Täze ulgamyň belli bir derejede, mysal üçin güýçli toparlaryň bir-biri bilen köp duşuşygynyň bolmagy ýaly artykmaç taraplary bolup, käbir kemçilikleri-de bar. Şol bir toparlaryň özara 2–3 gezek gabatlaşmagy täze ulgamyň belli bir derejede kem tarapy hasaplanýar. Şu möwsümde UEFA-nyň 3 ýaryşynyň hem hasaba alanyňda, 2 klub 5 gezek özara duşuşdy. Bolgariýanyň




çempiony «Ludogores Razgrad» bilen Wengriýanyň «Ferenswaroş» klublary ilki 2 duşuşygyny UEFA Çempionlar Ligasynyň 3-nji saýlama tapgyrynda gabatlaşdylar. Bolgariýadaky oýun golsuz tamamlanyp, «Ferenswaroş» öz meýdançasynda 3–0 hasabynda ýeňipdi we pleý-off saýlama tapgyryna çykypdy. «Ludogores» bolsa Ýewropa Ligasyna goşulypdy. Razgrad şäheriniň wekili Ýewropa Ligasynyň pleý-off saýlama tapgyrynda kynlyk bilenem bolsa, Demirgazyk Makedoniýanyň «Şkendiýa» toparyny ýeňip, final tapgyryna çykypdy. «Ferenswaroş» pleý-off tapgyrynda «Garabagdan» 2 oýnuň netijesi boýunça (1-3, 3-2) asgyn gelip, ýaryşy Ýewropa Ligasyndan dowam etdirmeli boldy. «Ferenswaroş» bilen «Ludogores» liga tapgyrynyň çäginde-de 4-nji duşuşyklarda özara güýç synanyşdylar. Şol oýun hem «Ferenswaroşyň» 3–1 hasaply ýeňşi bilen tamamlandy. Liga tapgyry tamamlanyp, «Ferenswaroş» 12-nji, «Ludogores» 22-nji orny eýeledi we netijede, 2 toparam 1/8 finala gönümel çykyp bilmän, pleý-off duşuşygyny geçirmeli boldular. Pleý-off tapgyrynda 2 klub bije çekişdi. 1-nji oýun Razgrad şäherinde geçirilip, «Ludogores» garşydaşyny ilkinji gezek ýeňmegi başardy (2–1). Ýöne Budapeştdäki jogap duşuşygynda «Ferenswaroş» özüne gerek netijäni gazandy we 2–0 hasabynda üstün çykyp, 1/8 finala adyny ýazdyrdy.

Edil 5 bolmasa-da, 3 gezek duşuşan toparlaryň sany hem az däl. Çempionlar Ligasynyň çäginde şu möwsümde çärýek finala çenli geçirilen oýunlarda «Real Madrid» iňlis kluby «Mançester Siti» bilen, «Liwerpul» Türkiýäniň «Galatasaraý» topary bilen, «Barselona» başga bir iňlis topary «Nýukasl» bilen, ýene-de «Real Madrid» Portugaliýanyň wekili «Benfika» bilen 3 gezek özara duşuşyk geçirdi.

**Ýeke oýunda-da ýeňilmän ýaryşdan çykdy**

● Ýene-de täsin wakalaryň biri hem çeh kluby «Wiktoriýa Plzen» toparynyň Ýewropa Ligasynda ýeke oýunda-da ýeňilmän ýaryşdan çykmagy boldy. Möwsüme Çempionlar Ligasynyň 2-nji saýlama tapgyryndan başlan çeh kluby Şweýsariýanyň «Serwette» toparyndan üstün çykyp, 3-nji saýlama tapgyrynda «Reýnjers» bilen duşuşdy. 1-nji oýunda jogapsyz 3 gol geçirden «Wiktoriýa Plzen» öz meýdançasynda 2–1 hasabynda ýeňse-de, Ýewropa Ligasyna düşmeli boldy. Bu ýerde geçiren 8 duşuşygynyň 3-sinde ýeňiş gazanyp, 5-sinde deňme-deň oýnady. «Malmöni» 3–0, «Romany» myhmançylykda 2–1, «Bazeli» 1–0 hasaplar bilen ýeňen «Wiktoriýa Plzen» kluby «Ferenswaroş» (1–1), «Fenerbahçe» (0–0), «Fraýburg» (0–0), «Panatinaikos» (0-0), «Porto» (1–1) toparlary bilenem deňme-deň oýnady. Liga tapgyryny 14-nji orunda tamamlap, pleý-off tapgyrynda «Panatinaikos» bilen bije çekişdi. Gresiýada 2–2, Çehiýada-da 1–1 hasaplar bilen deňme-deň oýnap, 11 metrlik urgularynyň netijesinde asgyn geldi (4–3).

**Iňlis klublary liga tapgyryndaky başarnygyny 1/8 finalda görkezip bilmedi**

● Iňlis klublary Çempionlar Ligasynyň liga tapgyryny juda şowly tamamladylar. 6 toparyň 5-si ilkinji 8-likde tamamlap, «Arsenal» ýeke gezek hem ýeňilmedi. Ýöne 1/8 final iňlis klublarynyň birbada 4-siniň ýaryşdan çykmagy bilen jemlendi. Liga tapgyrynda iňlis klublary 48 duşuşyk geçirip, şolaryň 9-synda garşydaşlaryndan asgyn geldiler. 6 oýun deňlikde tamamlanyp, 33 duşuşykda APL-niň wekilleri ýeňiş gazandy. Hatda olaryň «La Liga» toparlary bilen geçiren 10 duşuşygynyň diňe 1-inde ýeňilmegi köpleriň ünsüni çekipdi. Ýagny iňlis klublary ispan toparlary bilen geçiren 10 duşuşygynda diňe «Nýukasl» «Barselonadan» asgyn geldi. Galan 9 oýunda ýeke deňlik hem bolman, futbolyň watanynyň toparlary ýeňşini baýram edipdi. Ýöne 1/8 finalda, esasy göreşiň gidjek ýerinde öýlerine dolanan 4 iňlis klubunyň 3-sini ispan toparlary ýaryşdan çykardy.

Liga tapgyrynda «Premier Liga» bilen «Bundesliganyň» wekilleriniň arasynda-da az oýun bolmady. 8 duşuşygyň 5-sinde iňlis klublary ýeňip, bu görkeziji nemes toparlary üçin 2-ä deň boldy. 1 oýun hem deňlikde tamamlandy.

**Ispaniýadan 6, Angliýadan 5 klub galdy**

● Çempionlar Ligasynda 3 ispan kluby çärýek finala çykdy. Şeýle statistika 13-nji gezek gaýtalanyp, ispanlar bu görkeziji boýunça 2-nji ýerdäki iňlislerden ep-esli öňde barýar (8 gezek). 3 ispan klubundan daşgary çärýek finalda Angliýadan 2, Germaniýadan,



Fransiýadan hem-de Portugaliýadan 1 klub ýaryşy dowam edýär.

Ýewropa Ligasyndaky 8 klub hem 5 ýurda wekilçilik edip, Ispaniýadyr Portugaliýadan hem-de Angliýadan 2, Germaniýadan we Italiýadan 1 klub ýarym finala çykmak üçin göreşer.

Konferensiýa Ligasyndaky 8 klubuň hersi 1 ýurda degişli bolup, hiç bir çempionatdan 2 topar galmady. Onsuzam bu ýaryşda uly ligalaryň diňe 1 kluby çykyş edýärdi. 8 kluby Angliýa, Ispaniýa, Italiýa, Germaniýa, Fransiýa, Niderlandlar, Ukraina, Gresiýa ýurtlary paýlaşýarlar.

Umumylykda, UEFA-nyň 3 bäsleşiginde çärýek finalda 9 ýurduň kluby ýaryşy dowam edip, Ispaniýa 6 topar bilen öňdeligi eýeleýär. «La Liga» 8 topar bilen başlapdy we diňe «Atletik Bilbao» hem-de «Wilýarreal» toparlary ýaryşyň daşynda galdy. Olaryň ikisine-de Çempionlar Ligasynda ilkinji 24 toparyň arasyna düşmek başartmady. 9 klub ugradan «Premier Ligadan» 5 topar galyp, olaryň 2-si Çempionlar Ligasynda ýoluny dowam edýär. Germaniýadyr Portugaliýadan 3, Çempionlar Ligasynda ýeke kluby hem galmadyk Italiýadan, şol sanda Fransiýadan 2, Niderlandlardan, Gresiýadyr Ukrainadan hem 1 klub UEFA-nyň ýaryşlarynda ýarym finala çykmak üçin göreşerler.

**UEFA Çempionlar Ligasynyň çärýek finaly (7-8-nji we 14-15-nji aprel):**

Real Madrid (Ispaniýa) – Bawariýa (Germaniýa)
Sporting (Portugaliýa) – Arsenal (Angliýa)
Barselona (Ispaniýa) – Atletiko Madrid (Ispaniýa)
Pari Sen-Žermen (Fransiýa) – Liwerpul (Angliýa)

**UEFA Ýewropa Ligasynyň çärýek finaly (8-9-njy we 16-njy aprel):**

Braga (Portugaliýa) – Betis (Ispaniýa)
Fraýburg (Germaniýa) – Selta (Ispaniýa)
Porto (Portugaliýa) – Nottingam Forest (Angliýa)
Bolonýa (Italiýa) – Aston Willa (Angliýa)

**UEFA Konferensiýa Ligasynyň çärýek finaly (9-njy we 16-njy aprel):**

Şahtýor Donesk (Ukraina) – AZ Alkmaar (Niderlandlar)
Kristal Palas (Angliýa) – Fiorentina (Italiýa)
Raýo Wallekano (Ispaniýa) – AEK Afiny (Gresiýa)
Maýns (Germaniýa) – Strasbur (Fransiýa)

# Salah tomusda «Liwerpul» bilen hoşlaşar



«Liwerpul» toparynyň müsürli ýyldyzy Mohamed Salah möwsümden ahyrynda klubdan gidýändigini habar berdi. Ol bu habary sosial media hasabyna goýan wideorolik arkaly beýan etdi. Salah: «Men bu klubdaky hemmelere köp sagbolsun aýdýaryn. Esasan hem, öňki-soňky topardaşlaryma, şol sanda meni hemişe goldan klubuň ähli janköýerlerine minnetdarlygymyň çägi ýok. Men siziň goldawlaryňyzy hiç haçan ýatdan çykarmaryn. Bu klub hemişe öýüm bolup galar. Men mundan soň ýalňyz ýöremerin» diýip belläp geçdi. Ol kyn hem bolsa şeýle netijä gelendigini-de aýtdy.

Geçen ýylyň çempiony «Liwerpul» topary möwsüme şowly başlanam bolsa, soňlugy bilen ýzygiderli ýeňiş gazanmakda kynçylyk çekdi. Şol döwürlerde Salah bilen tälimçi Arno Slotuň arasyna tow düşüp, taraplar kyn pursatlary hem başdan geçiripdi we müsürli futbolçynyň gyşda klubuny üýtgetjekdigi barada-da habarlar ýaýrapdy.

2017-nji ýylyň tomsunda «Liwerpulyň» düzümine goşulan Salah iňlis toparynda 9 möwsümde 9 kubok gazandy. «Premier Ligada» 2, Çempionlar Ligasynda 1 gezek çempion bolan Salah «Liwerpulda» FA Kubogyny, Liga Kubogyny, «FA Community Shield» Kubogyny, UEFA Super Kubogyny, FIFA Klublar Dünýä Kubogyny hem eýelemegi başardy.

Ol 435 oýunda 255 gol geçirdi, 122 asist etdi. Salah 191 (189-sy «Liwerpulda») gol bilen APL-niň iň köp gol salan 4-nji, şol bir wagtyň özünde-de «Premier Ligada» iň köp gol geçiren daşary ýurtly we afrikaly futbolçydyr. Salah «Liwerpulda» hem-de «Premier Ligada» başga-da birnäçe statistikalarda öňdäki orunlary eýeleýär. 2 gezek ýylyň futbolçysy saýlanan Salah 7 sapar hem aýyň futbolçysy hökmünde ykrar edilip, bu ugurda rekordy Serhio Aguero hem-de Harri Keýn bilen paýlaşýar.

33 ýaşyndaky Salah özüniň futbol ýoluna ýurdunyň «Al-Mo-






kawlun» toparynda başlap, Şweýsariýanyň «Bazel», Angliýanyň «Çelsi» hem-de Italiýanyň «Fiorentina», «Roma» toparlarynyň hem köýnekçesini geýdi.

Salah bilen mundan öňki 2–3 transfer möwsüminde Saud Arabystanynyň klublary içgin gyzyklanyp, ony rekord baha-da transfer etmek isläpdiler. Ýöne müsürli futbolçy «Liwerpulda» galanyny kem görmändi. Ýyldyz oýunçynyň arap ýa-da amerikan klublarynyň biri bilen şertnama baglaşmagyna garaşylýar.

# LeBron Jeýms NBA-da iň köp duşuşyk geçiren basketbolçy

Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da super ýyldyz LeBron Jeýms karýerasyndaky rekordlarynyň hataryna ýene birini goşmagy başardy. 41 ýaşyndaky oýunçy topary «Los Anjeles Leýkersiň» myhmançylykda «Orlando Mäjik» toparyny 105:104 hasap bilen ýeňen duşuşygynda taryhy rekordy täzelemegi başardy. Jeýms NBA-nyň adaty möwsüminde 1612-nji gezek meýdança çykyp, bu ugurda 30 ýyllyk rekordy täzeledi. Ýagny ol NBA-nyň adaty möwsüminde iň köp duşuşyk geçiren basketbolçy boldy. Bu ugurda ozalky rekord Robert Parişe degişlidi (1611). NBA-da ýokary derejede 23-nji möwsümini geçirýän LeBron Jeýmsiň pleý-off tapgyrlaryny-da goşanyňda, oýnan duşuşyklarynyň sany 1900-den geçýär. Häzirki wagtda ýzygiderli duşuşyk geçirýän LeBron Jeýmsiň täze rekordyny hasam ösdürmegine garaşylýar.

NBA-da adaty möwsümde iň köp duşuşyk geçiren basketbolçylaryň sanawynda LeBron Jeýms 1-nji (1612), Robert Pariş 2-nji (1611), Karim Abdul-Jabbar 3-nji (1560), Wins Karter 4-nji (1541), Dirk Nowitski 5-nji (1522) ýeri eýeleýär. Jon Stokton (1504), Karl Maloun (1476), Kewin Garnett (1462), Kewin Willis (1424) hem-de Jeýson Terri (1410) dagy hem ilkinji onlugy düzýän beýleki basketbolçylardyr.

Şeýle-de, NBA-da «Los Anjeles Leýkersiň» başga bir ýyldyzy, sloweniýaly Luka Donçiç toparynyň yzly-yzyna ýe-



ňiş gazanmagynda 30 we ondan köp utuk geçirdi. Ol NBA-da şeýle statistika eýe bolan ilkinji basketbolçy hökmünde hasaba alyndy. Donçiç şol 9 duşuşykda ýzygiderlilikde 44, 35, 31, 51, 30, 36, 40, 60, 33 utuk toplady.

# Söweş sungatynyň ussady, meşhur aktýor Çak Norris aradan çykdy

Amerikaly meşhur aktýor, söweş sungatynyň ussady Çak Norris 86 ýaşynda aradan çykdy. Ýaňy-ýakynda 86 ýaş toýuny bellän Çak Norris 1940-njy ýylyň 10-njy martynda Oklahomada dünýä inýär. Ýaşlykdan söweş sungatyna höwesek bolan Karlos Reý «Çak» Norris karate, taekwondo, tansudo, brazil jiujitsu hem-de dzýudo boýunça gara guşaguň eýesidir. Söweş sungatynyň dürli ugurlary boýunça ençeme çempionlyklary gazanan Çak Norris söweş sungatynyň başga bir ägirdi, aktýor Brýus Liniň 1972-nji ýyldaky «Aždarhanyň ýoly» filmi bilen kino älemine aralaşýar. Norris bilen Liniň Rim Kolizeýindäki uruşýan sahnasy kino sungatynyň iň ýatdan çykmajak pursatlarynyň birine öwrülýär.

Onuň baş keşpde surata düşen «Walker, Texas Ranger» atly teleserialy ençeme ýyllap ýaýlymda görkezilip, tutuş dünýäde uly meşhurlyk gazanýar. 1970-80-nji ýyllarda ençeme ekran eserlerinde çykyş eden uruşly filmleriň ýyldyzy Norrisiň 1984-nji ýyldaky «Missing in Action» kinosy tomaşaçylar tarapyndan gyzgyn gar-










şy alynýar. Aktýoryň baş keşpde surata düşen «Breaker! Breaker!» (1977), «Delta topary» (The Delta Force, 1986), «Alawly ýöriş» (Firewalker, 1986) filmleri-de uly meşhurlyk gazanýar.

Karýerasy boýunça söweş sungatyna özboluşly goşant goşan Çak Norrisiň özüne mahsus stili bardy. Aktýoryň Gawai adasyndaky garaşylmadyk ölümi onuň muşdaklaryny gaty gynandyrdy. Aktýor 10-njy martda doglan gününde türgenleýşin pursatlaryndan bir suraty «Garramok, täze tapgyra geçýärin» diýen setirler bilen paýlaşypdy.

Çak Norris ilki Daýan Keý Holeçek bilen durmuş gurýar. 30 ýyllyk bilelikdäki durmuşyň netijesinde olaryň 2 ogly bolýar. Uly ogly Maýk kakasy ýaly aktýor bolsa, Erik NASKAR ýaryşlaryna gatnaşýar. Norris 1998-nji ýylda Jina O'Kelli bilen durmuş gurýar. Olaryň Dakota we Danili atly ekiz gyzlary dünýä inýär. Çak Norrisiň 13 agtygy bar.

# Oweçkiniň NHL-däki 1000-nji goly

**Amerikanyň Milli hokkeý ligasy NHL-de russiýaly meşhur hokkeýçi Aleksandr Oweçkin taryhy sepgide ýetdi. Ol topary «Waşington Kapitolsyň» öz meýdançasynda «Kolorado Ewelanş» bilen geçiren duşuşygynda (3-2 hasabynda myhmanlar ýeňiş gazandy) NHL-däki 1000-nji şaýbasyny öz adyna ýazdyrdy. Bu görkeziji NHL-iň adaty möwsümi hem-de pleý-off tapgyrlaryny bilelikdäki hasabyna degişlidir. Şunlukda, Oweçkin NHL-de 1000 şaýba ýeten 2-nji hokkeýçi boldy. Ol ýene-de 17 şaýba geçirse, kanadaly Weýn Gretskiniň rekordyny**




**täzelär. Oweçkin adaty möwsümde 923, pleý-offlarda bolsa 77 gol geçirdi. Oweçkine 1000 gola ýetmek üçin 1723 duşuşyk gerek boldy. Gretski 1016 şaýbany 1695 duşuşykda geçiripdi.**